**K.HALLYÝEW, J. METÝAKUBOW**

# ENE DILI
# WE OKUW SOWATLYLYGY

*Umumy orta bilim berýän mekdepleriň*
*2-nji synpy üçin derslik*

*Täze neşir*

**II Bölek**

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenen*

Daşkent – 2021

UO‘K 37.016:811.512.164(075)
KBK 81.2(5Turk)ya72
H 21

**Awtorlar:**
K.Hallyýew, J. Metýakubow

**Syn ýazan**

**N. Latipow** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümeniniň halk bilimi bölüminiň baş inspektor-metodisti;

## Şertli belgiler:

- ★ – okuwçy okamaly
- ★ ★ – jübüt bolup işlemeli
- ★ ★ ★ – topar bolup işlemeli
- ?! – soraglar we ýumuşlar
- G – gönükme
- O – oýun

Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.

Original maket we dizaýn konsepsiýasy Respublikan tälim merkezi tarapyndan taýýarlandy.

ISBN 978-9943-7523-5-1

© Respublikan tälim merkezi, 2021

## GYZYKLY FERMA



Biziň howlymyz örän uly. Howlymyzda belent edip gurlan, üçegi demir bilen basyrlan öýümiz bar. Öýümiziň arka tarapynda miweli agaçlar ösýän uly bagymyz, mellegimiz bar. Howlymyzda meniň iň gowy görýän ýerim – bu biziň fermamyzdyr.

Elbetde, biziň fermamyz obamyzdaky ferma ýaly uly däl. Biziň fermamyzda özümize ýeterli bolan dürli iri şahly we ownuk şahly mallarymyz bar. Mele sygyrymyz her günde täze saglan süýt berýär. Onuň manlaýynda akja telpege meňzeýän nyşanly gölejigi bar. Goýunlar bilen guzulara, fermamyzyň bir çetinde aýratyn jaý edip goýduk. Bökjekläp durýan guzujyklaryň oýnuna syn etmek örän täsindir.

Fermamyzyň buýsanjy meleguş atly çapar atymyzdyr. Atlaryň çar ýana öwüşgin edýän mele, dor, al, gara, gyr reňkleri bolýandygyny bilýäris. Atymyzyň meleje taýçanagy bar. Taýçanagyň ýanyna baryp onuň maýsa ýalynyny sypamak örän hözir bagyşlaýar.

Kakam fermamyzda mallara ideg edýär. Biz kiçi inim bilen kakama kömekleşýäris. Mallara gowy ideg edilse, gowy iýmitlendirilse, ýataklary arassa saklansa, olar sagdyn bolup ösýärler. Men gyzykly fermamyzy örän gowy görýärin. Fermamyzdaky her bir öý haýwany hakynda men sagatlap gürrüň berip bilýän.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hekaýa edijiniň öýi, baglary, mellegi hakynda näme aýdyp bilersiňiz?
2. Fermada nämelere ideg edilýär eken?
3. Atlaryň nähili reňkleri bolýar eken?
4. Fermadaky öý haýwanlary sagdyn ösmegi üçin nämeler etmeli?
5. Öýüňizdäki haýwanlar barada gürrüň beriň.
6. Öý haýwanlaryny degişli hatara ýazyň.

| | iri şahly mallar | ownuk şahly mallar | guşlar |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| 2. | | | |
| 3. | | | |
| 4. | | | |
| 5. | | | |
| 6. | | | |

7. Atlara goýulýan nähili lakamlary bilýärsiňiz? Depderiňize ýazyň.

**Söz – esasy dil birligi bolup, ol aýratyn bir düşünjäni aňlatmak üçin ulanylýar. Sözler bogunlara bölünýär. Meselem: mu-gal-lym, og-lan, gül.**

***Gönükmeler işlemek***

***Ýadyňyza salyň!***
***Söz seslerden emele gelýär.***

**Gönükme 1.** Hekaýajygy okaň. Soňra hekaýajykda näçe söz bardygyny aýdyp beriň.

## GYŞDA

Gyşyna günler gysgalýar. Howa sowuk bolýar. Suwlar doňýar. Çagalar buzda taýyp oýnaýarlar. Gardan adam ýasaýarlar.

**Gönükme 2.** Aşakdakylary okaň we göçüriň. Her bir sözüň nähili many aňladýandygyna üns beriň.

Meniň adym Bahar. Kakamyň ady Kemal. Men ikinji synpda okaýaryn. Joramyň ady Güljemal. Men mekdepde okamagy halaýaryn.

**Gönükme 3.** Özüňizden dört sany söz tapyp, depderiňize ýazyň. Şol sözleri sözlem içinde getiriň.

## TÜRKMEN ITLERI



Alabaý Merkezi Aziýanyň çopan köpekleri itleriň gadymy tohumlarynyň biridir. Türkmen aw itleriniň nerw ulgamy örän berk bolup, olar sähel zat üçin ynjalykdan gaçmaýarlar. Olar diýseň saýhally, akylly, syzyjy, gaýduwsyz hem-de özüne göwni ýetýän jandardyr. Olar özüne ynanylan mallary, öýleri, mellegi iň soňky demlerine çenli goraýarlar. Howp dörände, şol bada ony aňýarlar hem-de

tenine düşen ýarany, agyryny ýeňil geçirýärler. Alabaýlaryň kelleleri uly, boýunlary ýogyn, kuwwatly, döşleri giň hem-de öňe omzap durmalydyr. Penjeleri bolsa uly hem-de uzyn dyrnakly. Bil oňurgasy uzyn hem-de berk. Öýkenleri, dem alyş agzalary ýeterli derejede ösendir. Olar her hili kynçylyklara we howa şertlerine çydamlydyr. Eýesine, beýleki adamlara, çagalara hyrsyz, hyňranyp, üýrüp-topulyp durmaýar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Alabaý itleri barada öň näme bilýärdiňiz?
2. Bu itleriň daşky görnüşi nähili bolýar?
3. Siz uly ýaşdaky Alabaý itini göterip bilersiňizmi?
4. Alabaý itleriniň häsiýetleri hakynda tekstde näme aýdylan?
5. Siziň öýüňizde itiňiz barmy? Ol barada aýdyp beriň.
6. Itlere dakylýan türkmen lakamlaryny ýadyňyza salyň we depderiňize ýazyň.
7. Alabaýdan başga nähili itleriň tohumlaryny bilýärsiňiz?
8. Testlere jogap beriň.

– **Itlere haýsy iýmiti berip bolmaýar?**

a) süňk
b) kömelek
ç) et

– **It guwananda guýrugyny nähili edip durýar?**

a) ýokary galdyrýar
b) guýrugyny bulaýlaýar
ç) aşak düşürýär

– **It nähili sesleri çykaryp bilýär?**

a) üýrmek, arlamak, wowwuldamak
b) molamak, sygyrmak, üýrmek
ç) mawlamak, gygyrmak, arlamak

*Gönükmeler işlemek*

★ G **Gönükme 4.** Tekstdäki size nätanyş bolan sözleri depderiňize göçüriň we olar näme aňladýandygyny düşündiriň.

★ G **Gönükme 5.** Aşakda berlen sözleri bogunlara bölüp depderiňize göçüriň.

Alabaý, çydamly, kuwwatly, mallar, jandar, gaýduwsyz, köpekler, ynjalyk, kelle, boýun.

★ G **Gönükme 6.** Teksti okaň. Tekstiň birinji sözlemini depderiňize göçüriň. Onuň ikinji sözünde näçe ses bardygyny we olaryň haýsy seslerdigini aýdyň.

## TOMUSKY DYNÇ ALYŞ GUTARDY

Tomusky dynç alyş gutardy. Dynç alyş döwründe çagalar oňat dynç aldylar. Çagalar uly höwes bilen mekdebe gelýärler.

## SYÇANLAR MEKIR BOLÝARLAR



Bir pişik kiçi syçanyň yzyndan kowupdyr. Samsyjak syçan bolsa çüýşäniň içine gizlenipdir.

Pişik hem syçany tutmak üçin, çüýşäniň içine girmekçi bolupdyr. Ýöne girip bilmändir. Syçan kiçi, pişik bolsa uly!

Şonda pişik syçana şeýle diýipdir:

– Hany syçan çüýşeden çyk, men seni iýjek.

Syçan bolsa:

– Ýok, çykjak däl. Maňa bu ýerde oňat.

Onda pişik:

– Häzir men seni elim bilen çykararyn.

Şeýdip pişik elini çüýşä sokupdyr, emma syçany tutup bilmändir.

Soň pişik oýlanypdyr:

«Baryp bir çeňňek alyp gelerin-dä, syçany tutaryn».

Syçan pişige diýipdir:

– Git, git tizräk, bolmasa men özüm seni iýerin.

Pişik gidenden soň, uly syçanlar ýygylypdyr we kiçi syçandan sorapdyrlar:

– Nähili ýagdaýyň, pişik seni iýmedimi?

Syçan diýipdir:

– Ýok , men pişigi iýjekdim.

Soň uly syçanlaryň biri uzyn guýrugyny çüýşäniň içine sokupdyr. Kiçi syçan bolsa guýrukdan tututdyr. Şeýdip syçanlar bir-birini çekip syçanjygy boşadypdyrlar we öz hinlerine gaçyp giripdirler.

Bir wagt ýüpüň ujuna çeňňegi daňyp, pişik gelipdir. Görse çüýşe boş. Şonda pişik: «Gör syçanlar nähili mekir bol-ýar!» – diýipdir.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hekaýanyň esasy gahrymanlary kim?
2. Syçan nädip pişigi ýeňipdir?
3. Ertekide «dostluk» ýeňiş gazanandygyny subut edýän setirleri tapyp okap beriň.

*Gönükmeler işlemek*

G **Gönükme 7.** Teksti okaň. Birinji we ikinji sözlemi göçüriň. Göçüren sözleriňiziň her birinde näçe ses bardygyny aýdyň.

**ÖZBEGISTAN – WATANYM MENIŇ**

Özbegistan Respublikasynyň paýtagty – Daşkent. Özbegistan köp milletli döwlet. 1991-nji ýylyň 1-nji sentýabry iň mübärek gün. Muny hiç ýatdan çykarmaň! Çünki şol güni Özbegistan Respublikasy garaşsyz diýlip yglan edildi.

G **Gönükme 8.** Nakyllary okaň we nokatlaryň ýerine dogry gelýän harplary goýup ýazyň. Nakyllar haýsy tema degişli.

***Nakyllar***

Ý…z ýatan – g…ş aglar.
Işl…medik – dişl…mez.
Bu g…nki işiňi ertä g…ýma.
G…lan işe g…r ýagar.
H…närli z…r, hünärsiz h…r.
Çek…eň z…hmet, ý…gar rähn…t.

G **Gönükme 9.** Bu kimiň yzy?



★ **G** **Gönükme 10.** Aşakdaky matallary jogaplary bilen deňeşdiriň.

Yhlas etdim ak ýere,
Ekdim gögerdi gara.
Iberdim her bir ýere,
Özün etdi äşgäre.

(Hat)

Diwarda bar zor halym,
Onda ýaşar giň älem.

(Karta)

Özi bir garyş,
Dili müň garyş

(Galam)

Gezer suwda,
Ýaşar suwda.
Bütin ömri
Öter suwda.

Aýagy ýok
Gollary bar.
Teňňeleri –
Pullary bar.

Çümer gider,
Golaý gelseň.
Jigim onuň
Adyn bil sen.

(Balyk)

★★ **G** **Gönükme 11.** Aşakdaky sözleriň shemasyny düzüň we reňkläň.

Tomus, gawun, orak, tamdyr.

**G** **Gönükme 12.** Sözleri dogry tapyň we depderiňize ýazyň.

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| b | ý | m | a | r | h | y | e | k | l |

1, 4, 2, 5, 4, 3

6, 4, 3, 7, 5

8, 10, 8, 9

***Muny bilmek gyzykly***

Olimpiýadanyň baýdagyndaky bäş sany halka bäş sany kontinentiň: Ýewropanyň, Aziýanyň, Afrikanyň, Awstraliýanyň we Amerikanyň dostlugynyň nyşanydyr.

**Ýumuş.** Biziň Özbegistanymyz Aziýa kontinentde ýerleşýär. Aziýa sözi bogna bölüp ýazyň.

## GÜJÜK WE OWLAK



Günleriň birinde giň meýdanda güjük bilen owlak duşuşypdyrlar.

– Salam! – diýipdir ilkinji bolup güjük.
– Salam! – diýipdir owlak begenip.
– Nirä barýaň? – diýip sorady güjük.
– Otlamana. Sen näme?

– Men howlymyzy goraýaryn, hol taýda ýaşaýaryn. Sen näme edýäň owlajyk? – diýip güjük sorady.

– Men enem bilen hojaýynymyzyň dosty. Enemden süýt sagyp alýarlar. Ýumşak ýüňüni darap ýüň alýarlar. Men hem ulalamda, hojaýynymyza gaýmakly süýt bererin, ýüňlerimden ýylyjak geýim dokarlar.

– Hä, owlajyk, gaty gowy, men seniň bilen tanşanyma örän şat.

– Menem şat güjüjek, diýip olar hoşlaşdylar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Güjük bilen owlak nähili dost bolupdyrlar?
2. Bular öý haýwanlarymy ýa-da çöl haýwanlarymy?
3. Teksti okaň we gürrüň beriň.

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 13.** Tekstden 10 sany sözi depderiňize göçürip alyň we onda näçe harp bardygyny aýdyň.

G **Gönükme 14.** Aşakdaky sözlemlerde näçe söz bar. Olaryň shemasyny depderiňize çyzyň.

Sona we Maral gurjak oýnaýar. Gurban köçä çykdy. Asmanda bulut göründi, soň ýagyş ýagdy.

## BILBIL

Gygyryşýar horazlar,
Gyzaryp gün dogmandy.
Ejem heniz höwlümläp,
Sygrymyzy sagmandy.

Hoşa elim ýetende,
Bagda bilbil saýrady.
Päk howada hoş owaz,
Dumly-duşa ýaýrady.

Bilbiliň şat aýdymyn,
Doýmadym diňläp-diňläp.
Gün dogmansoň bagşy guş,
Gitdi aýdymyn soňlap.



*A. Baýrammyradow*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşgyny labyzly okaň we ýat tutuň.
2.Günüň dogmagyny näme çagyrýar?
3. Nämäniň owazy bagda ýaýrady?
4. Näme üçin bilbil aýdymyny soňlapdyr?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 15**. Suratdaky haýwanlaryň atlaryny depderiňize ýazyň.



**G** **Gönükme 16**. Aşakdaky sözler bilen shema boýunça sözlem düzüň.

Depder, arassa, teatr.

**O** **Oýun:** Bu oýun “Hany bil” diýip atlandyrylýar. Okuwçylar iki topara bölünýär. Gutuda haýwanlaryň suratlary goýulýar. Okuwçylar ony alyp, garşysyndaky topara şol haýwany hereket we mimikalar bilen sypatlandyryp berýärler. Jogabyny bilseler sorag beren topara bal berilýär.

## WAGTYŇ GYMMATY

Wagt hakda sözümiz kän
Aýdybersek,
Wagt ganymat maksat tarap
Barybersek.
Garap durman edibersek
Etmeli işi.
Wagtam çetde goýman
Tomsy hem gyşy.
Wagt – bagtdyr hem abraýyň
Sen bilseň.
Ol seň bilen, her bir işde
Işleseň.
Wagt sözüniň mazmunynda
Diňe bagtyň özi bar.

*Talyp Ýoldaş*

**?!** **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Wagtdan dogry peýdalanmak näme üçin gerek?
2. Siz boş wagtyňyzdan nähili peýdalanýarsyňyz?

3. Bagtly bolmak nämä bagly eken?
4. Wagty gadyrlamaga degişli nakyllaryň manysyny öwreniň:
   Bir salymy elden gidherseň, bir sagat ýitirersiň.
   Her zadyň öz wagty bar.
   Wagt altyndan-da gymmatdyr.
   Wagt iň gowy lukmandyr.

***Gönükmeler işlemek***

***Ýadyňyza salyň!***
***Haýsy sözler kim? we näme? diýen soraglara jogap berýär?***

G **Gönükme 17.** Okaň we näme? diýen soraga jogap bolýan sözleri depderiňize göçüriň.

*Nusga:* Näme? – Ellik, gapy, …

Ellik, sürüji, gapy, çäkmen, Sapar, towuk, Gözel, kelem, üzüm, kitap, mekdep, kanal, işçi.

G **Gönükme 18.** Suratlar boýunça berlen soraglara jogap berip, depderiňize ýazyň.



Näme suw içýär?



Näme ot iýýär?



Näme gygyrýar?



Çagalar näme oýnaýar?

**Gönükme 19.** Okaň, kim? diýen soraga jogap bolýan sözleri bellik ediň.

Nukus şäherinde meniň daýym ýaşaýar. Ol mekdepde mugallym bolup işleýär. Ýakynda daýymy hormat haty bilen sylagladylar. Men hem uly bolsam mygallym boljak.

**Gönükme 20.** Göçüriň. Sözlere sorag beriň.

Towşan, ruçka, dag, sürüji, lukman, Serdar, dostum, ýeralma, sogan.

**Gönükme 21.** Näme? diýen soraga jogap bolýan on sany sözi depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Kitap (näme?), ...

***Muny bilmek gyzykly***

Olimpiýadanyň baýdagyndaky bäş sany halkanyň reňki: gök – suw, gyzyl – ot, sary – Ýeriň energiýasy, gara – metalyň energiýasy, ýasyl – agajyň energiýasydyr.

**Ýumuş.** Özbegistanyň baýdagynda näçe ýyldyz bar?

## MYRATJAN ŞERIP OGLY

Myratjan ýaş wagtynda kitap okamagy, saz diňlemegi, dürli maşynlary bejermegi gowy görerdi. Ol entek mekdebe barmazdan öň kompýuterde işlemegi gurnaklara gatnap öwrendi. Mekdebe barandan soň bolsa kompýuterde özüniň düzen programmalary bilen işläp başlady. Meseleleri we mysallary çözmegiň aňsat usullaryny tiz öwrendi. Dostlaryna-



da öwretdi. Onuň okaýan Daşkentdäki 84-nji mekdepde «Myratjan» atly gurnak döredildi. Myratjan gurnaga gatnaşýan okuwçylarynyň ählisine kompýuterde işlemegi öwretdi. Onuň okaýan synpynda bäşlikçileriň sany barha artýar. Hatda bäsleşiklerde hem bu synpyň okuwçylary ýeňiji boldular.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Myratjan ýaşlykdan nämelere gyzyklanýar?
2. 84-nji mekdepde nähili gurnak döredildi?
3. Myratjanyň ady nähili meşhur boldy?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 22.** Nakyllary we matallary okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyp beriň.

**Akylly** öwrener, akmak öwreder.

Asty **dag**, üsti dag.
Arasynda sary **ýag**.

Gündiz ýatar, gije uçar.

★ **G** **Gönükme 23.** Okaň, soňra kim? we näme? diýen soraglara jogap bolýan sözleri nusgadaky ýaly edip göçüriň.

*Nusga:* Kim? Amanmyrat, Nurgözel, …
Näme? aýak, el, …

Amanmyrat, Nurgözel, aýak, el, işçi, sogan, käşir, Meret, balykçy, kartoşka, keçe, halyçy, telewizor, surat, Sapar, köýnek.

★★★

## SAGAT WE WAGT



Bu erteki gadym zamanlarda, bir patyşalykdaky sagatlar döwletinde bolup geçipdir. Bir uly öýde gadymy sagatlar ýaşaýardy. Olar öz durmuşlarynda köp sekunt şatlyklaryny, minut edermentligini we sagat şöhratyny başdan geçiripdiler.

Olar dynuwsyz jyk-jyk edýärdiler. Olaryň sazlaşykly depginine durmuşyň hut özi düzülýärdi. Öýdäki hemme adamlar sagatlary hormat edýärdiler, her bir sagady gadyrlaýardylar, hiç kim wagt bilen jedelleşmezdi.

Diňe Witýa atly oglanjyk, ejesi bilen kakasy näçe tagallalar etseler-de, wagty sagatlar arkaly anyklamagy hiçem öwrenip

bilmezdi. Her güni şol bir wagtda öýdäkileriň hemmesiniň işe we mekdebe gidýändiklerini, oglanjyk görýärdi. Adamlar bir wagtda ertirlik, günortan we öýlän naharlanýandygyny, şeýle hem çagalary belli bir wagtda ýatyrýandygyny, ol görýärdi. Emma adamlar nähili edip her bir işi haýsy wagtda etmegini bilýändigi oglanjyk üçin syr bolup galýardy.

Bir güni hemmeler öz işleri bilen gidenlerinden soň, oglanjyk gadymy sagatlar bilen ýeke özi galdy. Oglanjyk sagatlaryň dillerine üns bilen syn edip durdy. Birden ol ses eşitdi:

– Sen wagty anyklamagy öwrenegi isleýärmiň?

– Hawa – diýip oglanjyk ýuwaşja jogap berdi.

– Ýadyňda sakla, wagt we sagat dilleri hemişe öňe ýöreýärler, diýip gadymy sagat aýtdy. Hiç haçan yza ýöremeýär. Eger-de yza ýörese, onda ol sagat bozulan bolýar. Sagat – bu adam tarapyndan döredilen iň beýik zatdyr.

Birazdan soň gadymy sagat oglanjyga sagat, minut we sekunt dilleriniň nämedigini we nähili işi ýerine ýetirýändigini düşündirdi.

Oglanjyk sagadyň gürrüňine örän gyzyklandy we ony ünsli diňledi. Şol mahalda täsinlik emele geldi. Oglanjyk ählisine birden düşündi. Ol sagat haýsy kanun esasynda ýöreýändigini düşündi!

Sagatlar, minutlar we sekuntlar hemişelik hereketde ýasaýarlar, hereket bolsa bu heňňäm.

*Iris Rewýu*

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ertekide näme hakda beýan edilýär?
2. Tekstende «öz durmuşlarynda köp sekunt şatlyklaryny, minut edermentligini we sagat şöhratyny başdan geçiripdiler» diýen jümläni düşündirip beriň.
3. Witýa nähili edip sagatlary dogry anyklamagy öwrendi?
4. Suratda görkezilen wagtda siz näme bilen meşgullanýarsyňyz?



***Gönükmeler işlemek***

***Ýadyňyza salyň!***
***Haýsy sözler baş harp bilen ýazylýar?***

G **Gönükme 24.** Okaň, daglaryň we derýalaryň adyny aňladýan sözleri aýdyň.

Nukus şäheriniň gündogarynda Garadag ýerleşýär. Pagtaçylar Amyderýanyň suwundan peýdalanýarlar. Samarkand şäheri Zerewşan derýasynyň çep kenarynda ýerleşýär. Zerewşan we Türküstan dag ulgamlarynda arça gögerýär.

G **Gönükme 25.** Göçüriň. Daglaryň we derýalaryň atlarynyň aşagyny çyzyň.

Özbegistanda Piskam, Çatkal, Gurama, Fergana, Türküstan, Malgüzer, Nurata ýaly dag ulgamlary bar. Amyderýa, Syrderýa, Zerewşan derýalarynyň suwundan ekerançylykda peýdalanýarlar.

G **Gönükme 26.** Atlaryny bilýän daglaryňyzyň, derýalaryňyzyň, şäherleriňiziň, obalaryňyzyň hersinden biriniň adyny sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Men Amyderýanyň suwundan içdim.

## DAŞKENT KURANTY



Paýtagtymyzyň merkezinde, Amir Temur bagynyň ýanynda Daşkent kuranty ýerleşen. Kurant bu jaňly sagatdyr. Bu arhitektura ýadygärligi Özbegistan paýtagtynyň iň gözel ýerleriniň biridir. Bu kurant Ikinji Jahan urşunda gurban bolan 430,000 sany özbegistanlylaryň hatyrasyna bagyşlanyp gurlandyr. Kurantlar uruşdaky ýeňşiň iki ýyllygynyň öňüsyrasynda açyldy. Şeýlelik bilen, bu sagat 1947-nji ýylyň 9-njy maýyndan bäri dyngysyz işläp dur.

Bu 30-metrlik binanyň arhitektory – A.A. Muhamedşin, baş inženeri – W. Lewçenko. Daşkent kurantyna meşhur bezeg ussady Usta Şirin Muradowyň gatnaşmagynda bezeg berildi.

Bu uly sagat şäherdaşlarymyza we şäherimiziň myhmanlaryna sagat näçe bolandygyny owadan jaň bilen habar berip durýar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Daşkent kurantlary haçan gurlan?
2. Daşkent kurantlary kimlere bagyşlanyp gurlan?
3. Daşkent kurantlary näme üçin gerek?
4. Başga şäherlerde şular ýaly uly sagatly minaralary bilýärsiňizmi, olar barada aýdyp beriň.

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 27.** Göçüreniňizde daglaryň, derýalaryň, adyny aňladýan sözleri ýaýdan çykaryp ýazyň.

(Ural, Pamir, Balkan) daglarynda süýji suwly çeşmeler köp. Deryalaryň suwy süýji bolýar. (Wolga, Dunaý, Amyderýa, Don) derýalary uly derýalardyr.

★ G **Gönükme 28.** Okaň. Has gara ýazylan sözleriň nämäniň adyny aňladýandygyny aýdyp beriň. Ol sözleriň birinji harpy ýazuwda näme üçin baş harp bilen ýazylýar?

## DERÝALARYŇ ÄHMIÝETI

Daglar we derýalar Ýeriň görküdir, tebigatyň bezegidir. Eger **Amyderýa, Syrderýa, Zerewşan** derýalary bolmadyk bolsa, biziň ýaşaýşymyz örän kyn bolardy. Suwsuz ýaşap bolmaz. Derýalaryň suwy bilen ekin ekilýär. Gawun, garpyz, bugdaý ekilýär. Pagta ekilýär. Pagtadan her hili matalar, egin-eşikler edilýär.

★ G **Gönükme 29.** Suratlaryň aşagynaky ýazuwlaryny depderiňize göçüriň. Atlara hem-de itlere dakylan atlaryň aşagyny çyzyň. Haýwanlaryň atlarynyň birinji harpy nähili harp bilen ýazylýar?



Bu atyň ady Meleguş.



Bu itiň ady Akbilek.

★ G **Gönükme 30.** Göçüriň. Haýwanlara dakylýan atlaryň aşagyny çyzyň.

## ÇAGALAR OÝNAÝARLAR

Temur bilen Polat dost. Olaryň güjükleri bar. Temuryň güjüginiň ady Arslan. Poladyň güjüginiň ady Ýolbars. Arslan bilen Ýolbars çagalar bilen oýnaýar.

★ G **Gönükme 31.** Suratlar hakynda ýazylanlary göçüriň. Nokatlaryň ýerine özüňizden degişli atlary tapyp ýazyň.

Hat ýazyp oturan gyzyň ady …

Agaja suw berip duran oglanyň ady …

Top oýnap ýörän oglanlaryň ady … we …

Kitap okap oturan oglanyň ady …

★ G **Gönükme 32.** Teksti okaň. Haýwanlara dakylan atlary depderiňize göçüriň.

Meniň Garagöz atly itim bar. Çopanlar Aždar, Akbaý diýen itlerini gowy görýärler. Itler çopanlaryň dostudyr, olar goýunlary goraýar. Baýramçylykda at çapyşygy boljak. Çapyljak atlaryň arasynda Meleguş, Dordepel, Ýyldyz diýen atlar hem bar.

Haýwanlara dakylýan atlaryň birinji harpy nähili harp bilen ýazylýar?

★ ★ ★ G **Gönükme 33.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine öý haýwanlaryna dakylan atlary tapyp, depderiňize göçüriň.

Meniň güjügimiň ady … . Bu atyň ady … . Bu sygryň ady … .

### *Muny bilmek gyzykly*

Sinhron ýüzüjiler suwuň aşagynda hem sazy eşider ýaly basseýnde suwasty dinamikler ýerleşdirilýär.

**Ýumuş.** Dinamik näme we bu sözde näçe bogun bar?

## HÜNÄR – SENIŇ HORMATYŇ







Her bir adam gymmatly wagty ýitirmezden belli bir hünär öwrenmeli. Hünärli adam çekýän zähmeti bilen ýurdumyza peýda getirýär. Pagtaçy özüniň zähmeti bilen «Ak altyn» dagyny döredýär. Mal bakýan çopanlar halkymyzy et, süýt, ýüň önümleri bilen üpjün edýärler. Gözel-gözel jaýlar gurluşykçynyň gujurly gollary bilen emele gelýär. Mugallym biziň her birimiz üçin ata-ene ýaly mähirli. Ol seni hatly-sowatly edýär, durmuşa ugrukdyrýar. Durmuşda hor bolmazlyk üçin her bir adamyň hünäri bolany ýagşy. Hünärli adamy hemmeler uly hormat edýärler. Her bir adam özüniň çekýän zähmeti bilen tanalýar. Çagalar, siz şu wagtdan başlap

hünäre gyzygyp başlaň. Biziň ata-babalarymyz «Hünärim bar, hormatym bar» – diýip ýöne ýerden aýtmandyrlar. Hünärli kişi hiç wagt hor bolmaýandyr.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Sen ulalanda kim bolmakçy?
2. Kärlerden, hünärlerden haýsylaryny bilýärsiňiz?
3. Teksti okaň we mugallymyň zähmetini taryplaýan sözlemleri tapyň.
4. Tekstde gurluşykjynyň elleri nähili beýan edilen?
5. Aşakdaky dana sözlere nähili düşünýärsiňiz?

Bilimli bilýär bilimiň hormatyny,
Bilimsiz nirden bilsin bilimiň gymmatyny.

*Ýusuf Hos Hojib*

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 34.** Begenjiň gürrüňini okaň. Begenijň ata-enesiniň, doganlarynyň adyny hem-de olaryň birinji harpynyň nähili harp bilen ýazylandygyny aýdyň. Adam atlaryny saýlap göçüriň.

*Nusga*: Nyýazmyrat, Saýat, …

G **Gönükme 35.** Hekaýajygy okaň. Öý haýwanlaryna dakylan atlary tapyp, depderiňize göçüriň.

Biz maşgalamyz bilen at çapyşygyna gitdik. Ol ýerde uly at çapyşygy geçirilýär. Bu gezek çapyşyga alty sany at goýberildi.

Olardan birinji bolup Laçyn, ikinji bolup Meleguş geldi. Soňky uzak aralyga çapyşykda Meleguş birinjiligi eýeledi. Ikinji ýeri Akdepel aldy.

**G** **Gönükme 36.** Göçuriň. Öý haýwanlaryna dakylan atlaryň aşagyny çyzyň.

Biziň Alaja atly sygrymyz bar. Ol örän süýtli. Alajanyň Akburun atly gölesi bar. Obamyzyň sygyrlary ertir irden öri meýdanyna gidende, biziň sygrymyzy güjügimiz Akja kowup, ony beýleki sygyrlaryň arasyna goşup gaýdýar.

**G** **Gönükme 37.** Begenjiň gürrüňini okaň. Begenjiň ata-enesiniň, doganlarynyň adyny hem-de olaryň birinji harpynyň nähili harp bilen ýazylandygyny aýdyň. Adam atlaryny saýlap göçüriň.

## BIZIŇ MAŞGALAMYZ

Meniň kakamdan, ejemden başga iki aýal doganym bar. Kakamyň ady Nyýazmyrat. Ejemiň ady Saýat. Uly aýal doganymyň ady Aýgözel. Kiçi aýal doganymyň ady Nartäç. Meniň öz adym Begenç.

## ROBOT BU NÄME?



Robot bu awtomatiki enjamdyr. Ol her hili mehaniki işleri ýerine ýetirmek üçin ulanylýar. Robotlar öňünden taýýarlanan maksatnama arkaly işledilýär.

Adatça robot daşky gurşaw hakyndaky maglumaty datçikler arkaly alýar. Bu datçikler janly organizmdäki organlaryň ýerine ýetirýän işine meňzeýär. Robot özbaşdak her hili önümçilik we başga operasiýalaryny ýerine ýetirip bilýär. Ol önümçilikdäki işleriň hemmesini diýen ýaly adamyň ornuna ýerine ýetirip bilýär.

Robotyň işi operator el arkaly ýa-da öňünden taýýarlanan maksatnama arkaly dolandyrylýar. Robotyň daşky görnüşi her hili bolup bilýär.

★ ★ ★ ?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Siz roboty nirede gördüňiz?
2. Siz özüňiz robot ýasap gördüňizmi?
3. Robot näme üçin ulanylýar?

***Gönükmeler işlemek***

★ G **Gönükme 38.** Okaň. Şäher we oba atlaryny tapyp aýdyň. Şäherleriň, obalaryň atlarynyň birinji harpy nähili harp bilen ýazylýar?

Biziň ýurdumyzda Daşkent, Samarkand, Buhara, Hywa, Nukus ýaly uly hem owadan şäherler bar.

Her şäheriň golaýynda obalar bolýar. Biziň şäherimize Şorahan, Kelteminar, Akbaşly, Ýanbaş obalaryndan myhmanlar geldiler.

★ G **Gönükme 39.** Göçüriň. Şäher we oba atlarynyň aşagyny çyzyň.

Nukus, Buhara, Samarkand şäherleri demir ýoluň boýunda ýerleşýär. Şorahan, Kelteminar, Kyrkgyz obalarynda gök önümler ýetişdirilýär. Daşkent şäherinde metro bar.

★★ **G** **Gönükme 40**. Nokatlaryň ýerine öz bilýän şäheriňiziň we obaňyzyň adyny ýazyp göçüriň.

Meniň … şäherini göresim gelýär. Biz şu tomusda … obasyna gezmäge gideris. Sen … obasyny gördüňmi? Men … şäherini halaýaryn.

★ **G** **Gönükme 41.** Okaň. Şäher we oba atlarynyň birinji harpynyň nähili harp bilen ýazylýandygyny aýdyň.

Samarkand, Buhara, Ürgenç Nukus şäherlerine degişli obalarda pagta köp ekilýär. Akbaşly, Şorahan, Kelteminar obalary demir ýoluň boýunda ýerleşýär. Ol ýerde bugdaý ekilýär.

★ **G** **Gönükme 42.** Göçureniňizde, nokatlaryň ýerine degişli oba, şäher atlaryny ýazyň. Olaryň birinji harpynyň baş harp bilen ýazylýandygy ýadyňyzda bolsun.

Biziň şäherimiziň ady … . Biziň obamyzyň ady … . Men … şäherinde ýaşaýan dostuma hat ýazjak. Biz dynç alyş güni … obasynda boljak toýa gideris.

★ **G** **Gönükme 43.** Okaň we göçüriň. Şäherleriň atlaryny aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň. Şäher atlarynyň birinji harpy nähili harp bilen ýazylýar?

Özbegistan döwletiniň paýtagty Daşkent şäheridir. Daşkent şäheriniň ýakyn ýanyndaky obalarda üzümçilik hojalyklary bar. Şol hojalyklarda ýetişdirilen üzümler Moskwa, Sankt-Peterburg ýaly şäherlere iberilýär.

## HALKYŇ YLMY AÇYŞLARY



Fermada ylmy tejribe geçiripdirler. Sygyrlary saganda ýakymly saz eşitdiripdirler. Şonda olaryň süýdüniň mukdary köp bolupdyr. Eýsem, bu biziň halkymyz üçin gadymdan belli hakykat dälmi näme?! Bizde sagymçy gelin-gyzlar tarapyndan ýakymly owaz bilen «Höwlim-höwlim!» diýip sygry, «Hörele, maýam hörele!» diýip, düýäni hüwdüläp sagmak adata öwrülen ýagdaý.

Bizde mal dogrusynda «Mal eýesiniň gözünden suw içer», ekin dogrusynda «Eýe gözi — em, em bolmasa dem» diýen nakyllar aýdylýar. Alymlar mähirli nazar salnyp idedilýän mallaryň robotlar bilen idedilen mallara garanda çalt semreýändigini anyklapdyrlar.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Fermada nähili barlag geçiripdirler?
2. Öýüňizde sygyr barmy? Ony saganda ejeňiz ona nämelerdir aýdýarmy, diňläp görüň we onuň manysyny ejeňizden sorap biliň.

***Gönükmeler işlemek***

***Ýadyňyza salyň!***
***Haýsy sözler nähili?? neneňsi? diýen soraglara jogap berýär?***

★ ★ **G** **Gönükme 44.** Soraglary okaň. Nokatlaryň ornuna gerekli sözleri ýazyň.

Nähili kepderi? ... kepderi.
Nähili gawun? ... gawun.
Neneňsi suw? ... suw.
Neneňsi çal? ... çal.
Nähili kitap? ... kitap.
Nähili alma? ... alma.
Neneňsi ýer? ... ýer.

★ **G** **Gönükme 45 (51).** Suratlara serediň. Olaryň aşagyndaky soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň. Galamlaryň reňkini aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň.


Nähili galam?


Nähili galam.


Nähili galam?


Nähili galam?

★ **G** **Gönükme 46.** Aşakdaky berlen sözleriň öňüne tagamyny, reňkini aňladýan söz goşup, depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Gyzyl alma, …

Alma, galam, gar, sygyr, gatyk.

★ ★ **G** **Gönükme 47.** Okaň. Has gara ýazylan sözleriň hähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

Kakam **gyzykly** kitaplary köp okaýar. Ejem maňa **ak** jorap aldy. Biziň **uly** sygyrymyz bar. **Kiçijik** çagalar aýdym aýdýarlar.

★ **G** **Gönükme 48.** Okaň. Has gara ýazylan sözleri göçüriň we olaryň predmetiň hilini aňladýandygyny unutmaň. Göçüren sözleriňiziň nähili? neneňsi? diýen soraglara jogap bolýandygyny ýatda saklaň.

**Dury** suw. **Gyzgyn** çaý. **Sowuk** suw. **Galyň** ýorgan. **Ýuka** ýorgan. **Döwük** kerpiç. Ejem maňa **täze** köýnek tikdi.

★ **G** **Gönükme 49.** Göçüriň. Predmetiň hilini aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň. Aşagyny çyzan sözleriňiz nähili soraglara jogap bolýar?

Kölüň dury suwunda ördekler ýüzüp ýör. Çopanlar arassa suwdan bedrelerini doldurdylar. Biz hapysa çagalary ýazgarýarys.

★ ★ **G** **Gönükme 50.** Okaň. Has gara ýazylan sözler nähili soraglara jogap bolýar?

**Ak** kagyz. **Gara** mata. **Gyzyl** galam. **Sary** gawun. **Gök** hyýar. **Ýaşyl** ýaprak. **Mele** çäkmen. **Çal** goýun. **Ak** goýun. **Gara** goýun.

***Muny bilmek gyzykly***

Hokkeýde derwezeçiniň geýimleriniň agramy 30 kilograma ýetýär

**Ýumuş.** Sözlemde näçe söz bar?

## KITAP

Kitap – hazyna, bilim – baýlyk. Kitap gadym wagtlarda peýda bolupdyr. Kitap ilki laýdan ýasalypdyr. Soňabaka haýwanlaryň derisinden kitap ýasalypdyr.



Üstüne mum çalnan tagtalara ýazyp hem kitap taýýarlapdyrlar. Soňra ýüpek matalardan we ondan soň kagyzdan kitap ýasapdyrlar. Kitaplaryň görnüşi, şekli her hili bolupdyr. Beýikligi bir ýarym metrden geçýän kitaplar hem bolupdyr. Ony bir adam göterip bilmändir. Şeýle-de kiçijik kitaplar hem köp bolup, käbirleri kükürdiň gutusy hatda ondan hem kiçi bolupdyr.

Kitaplary çap etmek hem – örän kyn iş eken. Onuň üçin köp adam zähmet çekipdir.

Kitaby çap etmek işi ýylsaýyn kämilleşýär. Öňler kitaplar çaphanalarda harp ýygylýan enjamlarda ýygylýardy. Indi bolsa kompýuteriň kömeginde aňsatja ýerine ýetirilýär. Soňra çaphanalara iberilýär. Maşynyň özi kitaby sahypalaýar we dikýär.

Siziň eliňizdäki owadan kitaplar çylşyrymly we akylly maşynlaryň kömeginde taýýarlanypdyr.

Çagalar, kitaplary aýawly saklaň! Kitap – bahasyna ýetip bolmaýan baýlykdyr.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Kitaplar öňler nähili şekilde bolupdyr?
2. Häzirki wagtda kitabyň taýýarlanyşy nähili?
3. Kitap baradaky nakyllary aýdyň.

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 51.** Matallary depderiňize göçüriň. Zatlaryň we haýwanlaryň reňkini aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň hem-de olaryň nähilii soraglara jogap bolýandygyny aýdyp beriň.

Ala jully taý atym,
Suwsuz ýerde gezmez atym. (Gurbaga).

Aýaksyz towşan,
Gara ýeri böwser. (Ýylan).

Gök düwünçegi düwüp,
Göge salam iberdim. (Tüsse).

G **Gönükme 52.** Almanyň reňklerini, dagyň uly – kiçiligini aňladyp, depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Gyzyl alma, …

**G** **Gönükme 53.** Aşakdaky bir zadyň hilini, reňkini aňladýan sözleri ulanyp, özüňizden sözlemler düzüň we depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Gyşda galyň eşik geýmeli.

Galyň, ýuka, gyzgyn, gyzyl, ýaşyl.

## SAMARKANDLY KAGYZ ÖNDÜRIJILER

Samarkand şäherinden 10 kilometr uzaklykda kagyz öndürýän ussahana ýerleşýär. Alymlar gadymda adamlar nädip kagyz ýasandygyny öwrenipdirler. Indi şol usuldan peýdalanyp kagyz ýasaýarlar. Kitaphanadaky gadymy kitaplary abatlaýarlar. Şunuň bilen birlikde bu ýere gelen syýahatçylar gadymda kagyz nädip öndürilendigini tomaşa etmegi mümkin.





Sowuk düşende ussalar tut agajynyň inçe çybyklaryny kesip, ony guradýarlar, gaýnadýarlar. Netijede emele delen garyndydan kagyz ýasaýarlar. Kagyz tekizlenip ýalpyldamagy üçin ol mermeriň üstünde tekizlenýär.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Kagyz nämeden öndürilýär?
2. Kagyz öndürmek haçan başlanypdyr?
3. Kagyz biziň durmuşymyzda nirelerde peýdalanylýar.

***Gönükmeler işlemek***

**G** **Gönükme 54.** Göçüriň. Pretmetiň hilini, reňkini, formasyny aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň we olaryň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

Ejem maňa gyzykly kitap getirip berdi. Biz täze goşgular ýat tutduk. Işçiler ýasy daşlary köçä düşediler. Biz ýyly suwa ýuwundyk.

**G** **Gönükme 55.** Nokatlaryň ýerine şol atlaryň reňkini we tagamyny aňladýan sözleri ýazyp, depderiňize göçüriň.

… pomidor, … alma, … ýaprak, … üzüm, … garpyz, … gant, … kädi, … hyýar, … käşir, … sogan, … çörek.

**G** **Gönükme 56.** Okaň. Has gara ýazylan sözler nähili soraglara jogap bolýar?

**Uly** bag. **Kiçi** köýnek. **Beýik** jaý. **Gysga** palto. **Kiçijik** çaga. **Beýik** dag. **Pessejik** depeler. **Uzyn** don.

**G** **Gönükme 57.** Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyň.Has gara ýazylan sözleriň predmetiň formasyny bildirýändigini ýatda saklaň.

**Tegelek** çörek. **Süýri** gawun. **Togalak** daş. **Ýasy** demir. **Giň** balak. **Dar** köýnek.

**Gönükme 58.** Sözlemleri göçüriň we *nähili?* diýen soraga jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Jemal daýza Jerene dürli reňkli galamlar getirip berdi. Jeren suraty owadan edip çyzýar. Düýn ol gyzyl bägülleriň suratyny çyzdy. Indi bosa ol nepis türken halysynyň suratyny çyzmakçy.

**Gönükme 59.** Göçüriň. *Nähili?, neneňsi?* diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Gyşda daşarda sowuk howa bolýar. Men gyzykly kitap okaýaryn. Uzakda gara bulut görünýär. Bagda süýji almalar bişdi.

**Gönükme 60.** Berlen bogun bilen sözler düzüň we olaryň shemasyny reňkläň.

Gol

ot





## MIWELI DOŇDURMA

Her ýyly 17 ýanwar bütin dünýäde Çagalaryň açyslarynyň güni bellenilýär. Statistika görä, ýarym milliona ýakyn çagalar, her ýylda täze açyşlaryň awtorlary bolýarlar. Bizi bu gün gurşap duran köp zatlar mekdep okuwçylary tarapyndan döredilendir. Barmaklary ýok ellik, bagana-tüýli gulaksa,

miweli doňdurma, batut we başga-da köp zatlar çagalaryň açyşlaryna degişli.



Doňdurmany süýtden däl-de miweli içgilerden etmek pikiri 11 ýaşly San-Fransiskoly Frank Eppersona degişlidir. Ol bir gyş güni miweli suw salnan stakanyny howluda gijesine ýadyndan çykaryp galdyrypdyr. Gijesine bolsa gaty sowuk bolupdyr we miweli suw doňupdyr. Irden oglan miweli suwunyň ýagdaýyny görüp, ilki bilen ony ýyly suwda gyzdyryp eretmekçi bolupdyr. Oglanjyk miweli suwuň içinde doňup galan agaç çemçesini aljak boldy. Ol miweli suwy eredenden görä ony doňdurma edip iýmek örän gowy bolar diýen pikire geldi. Şondan bäri taýajykdaky doňdurylan miweli buz köp çagalaryň gowy görýän süýjiligine öwrüldi.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Çagalaryň açyşlarynyň güni haçan bellenilýär?
2. Doňdurma nämeden edilýär?
3. Frank Epperson doňdurmanyň nähili görnüşini oýlap tapypdyr?
4. Çagalaryň açyslaryna nämeler degişli? Ulularyň kömeginde bu soraga jogap tapyň.

***Gönükmeler işlemek***

★★★ G **Gönükme 61.** Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyň we şol sözleriň predmetiň formasyny bildirýändigini ýatda saklaň.

**Tegelek** çörek. **Süýri** gawun. **Togalak** daş. **Ýasy** demir. **Giň** balak. **Dar** köýnek.

★★★ G **Gönükme 62.** Sözlemleri göçüriň we *nähili?* diýen soraga jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Çopan aga Aşyra kiçijik güjük getirip berdi. Ol alaja güjük eken. Maýsanyň gowy gurjagy bar. Maýsa oňa gyzyl matadan köýnek tikdi.

★ G **Gönükme 63.** Göçüriň. *Nähili?, neneňsi?* diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Merede kiçijik pil alyp berdiler. Jerenjigiň gökje köýnegi bar. Men gara galam bilen hat ýazdym. Uzakdan beýik daglar görünýär.

★ G **Gönükme 64.** Soraglary okaň, soňra nusgada görkezilişi ýaly edip, olary jogaby bilen depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Nähili kagyz? Ak kagyz.

Neneňsi dag? Beýik dag.

Nähili kagyz?
Neneňsi bag?
Nähili suw?
Neneňsi köçe?
Nähili burç?
Neneňsi ýer?
Nähili käşir?
Neneňsi ýap?

G **Gönükme 65.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine şol pretmetleriň hilini, tagamyny, reňkini ýa-da formasyny aňladýan sözleri ýazyň.

… kömür, … gar, … suw, … üzüm, … çal, … burç, … mata, … köýnek, … don, … ädik.

G **Gönükme 66.** Okaň we göçüriň. Adam atlaryny, familiýalary hem-de olaryň birinji harpynyň nähili harp bilen ýazylýandygyny aýdyň.

Özbegistan – biziň garaşsyz döwletimiz. Onda öndürilýän pagta, çykarylýan nebit biziň uly baýly-gymyz. Ussat pagtaçylar Aýjemal Nyýazmädowa, Sapar Nuryýew, Myrat Nyýazmädow dagy pagta ekişine taýýarlyk görýärler.

***Muny bilmek gyzykly***

**Gimnastlar çykyş etmezden öň ellerine ak poroşok çalýarlar. Ol magneziý – elleri derletmeýär.**

**Ýumuş.** Ikinji sözlemiň shemasyny çyzyň?

## ILKINJI HAÝWANAT BAGY



Üç müň ýyl ozal Hytaý imperatory guşlaryň we haýwanlaryň her hili görnüşlerini bir bagda toplapdyr. Ol bu bagy «bilesigelijiler üçin bag» diýip atlandyrypdyr.

Imperator ol ýerde haýwanlary janly ýagdaýda saklapdyr, şonuň üçin bu baga ilkinji haýwanat bagy diýip hasaplanypdyr. Bu bagda haýwanlaryň ýaşaýyş aýratynlyklary, özlerini alyp baryşlary öwrenilipdir.

IX asyrda bolsa ilkinji jemagat haýwanat baglary döredilip başlandy. Ol ýerde dürli ýurtlardan getirilen haýwanlar toplanyp saklanýardy. Haýwanlara ideg edilýärdi, olara her hili oýunlar öwredilýärdi.

Häzirki wagtda dünýädäki iň uly haýwanat baglary ABŞ-nyň, Kaliforniýa Ştatynda San Diegodaky, Londondaky we Berlindäki baglar hasaplanýar.

★★★ ?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Haýwanat bagy bu näme?
2. Haýwanat bagynda nähili haýwanlar saklanýar?
3. Siziň ýaşaýan şäheriňizde haýwanat bagy barmy?

***Gönükmeler işlemek***

★ G **Gönükme 67.** Sözlemleri göçüriň we *nähili?* diýen soraga jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Bu gün yssy boldy. Guşlar asuda asmanda uçýardy. Çagalar ýyly geýimlerini geýip howluda oýnaýardylar.

★ G **Gönükme 68.** Predmetiň hilini aňladýan üç söz ýazyň we shemasyny çyzyň.

★ G **Gönükme 69.** Nokatlaryň ýerine degişli familiýalary, adam atlaryny ýazyp, depderiňize göçüriň. Adam atlarynyň, familiýalarynyň birinji harpy nähili harp bilen başlanyp ýazylýar?

Kakamyň ady ... , familiýasy ... . Meniň familiýam ... . Meniň partadaş ýoldaşymyň ady ...

## GÜN – KUWWAT ÇEŞMESI



Her güni asmanda Güneşiň ýiti ýagty şary togalanyp geçýär. Güneş ýer ýüzüne ýagtylyk we ýylylyk berýär. Şonuň bilen ol ýer ýüzüne ýaşaýyş bagyşlaýar. Gün biziň planetamyza iň ýakyn ýyldyzdyr. Gün esasy kuwwat çeşmesi. Gün energiýasy – bu arassa we mugt energiýa kuwwatydyr. Gün bolmasa ýer ýüzünde ýaşaýyş bolup bilmez. Günüň kuwwaty hemme ýerlerde toplanýar: toprakda, ösümliklerde, derýalarda we başga köp zatlarda. Gün energiýasy kömeginde tebigatdaky hemme zat döreýär, dem alýar, iýmitlenýär, ösýär, köpelýär, hereketlenýär we başga-da köp hereketleri ýerine ýetirýär. Şeýle hem Günüň kömeginde ýagyş ýagýar, älemgoşar emele gelýär, şemal öwüsýär, ýeriň üsti we howa şertleri üýtgeýär.

Asman ýagtylgyjynyň öz baýramy hem bar. Ol 1994-nji ýyldan başlap her ýylda 3-nji maýda baýram edilýär. Bu baýrama Halkara Güneş Güni diýip at berlen.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Günüň haýsy wagtynda ýer iň köp ýagtylyk we ýylylyk alýar?
2. Günüň dogmagy bilen günüň ýaşmagyny deňeşdiriň.



***Gönükmeler işlemek***

***Ýadyňyza salyň!***
***Gymyldy hereketi aňladýan sözler.***

G **Gönükme 70.** Sözlemleri okaň we olardaky *näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder?* diýen soraglara jogap bolýan sözleri aýdyp beriň.

Ýaz geldi. Ýagyş ýagdy. Bahar okaýar. Gözel gelýär. Ata okajak. Oraz ýazar.

G **Gönükme 71.** Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyp beriň.

Samolýot **uçdy.** Guş **gondy**. Çagalar **oýnaýar.** Kakam **okaýar**. Gurban **geler**. Men **gitjek.**

**G Gönükme 72.** Suratlara seredip, olaryň aşagynda ýazylan soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň.

Gyz näme edýär?

Gyz näme etdi?
Gyz näme edýär?
Gyz näme etjek?
Gyz näme eder?



## KITAP – GÜNEŞ DIÝERIN



Kitap – güneş diýerin.
Ol nur saçýar ýürege.
Kitap – ylmyň başy.
Kitap Ýeriň ýoldaşy…
Kitapdan akyl öner,
Kitapda – ylym-hünär.

Oň bilen ýurt gezersiň.
Ondan lezzet alarsyň.
Kitapda gudrat kändir.
Ündär bizi zähmete.
Kitap – meniň jan-tenim.
Onda ene-Watanym,

Onda meniň bagtym bar,
Kitap – dostum, bigüman!

*Talyp Ýoldaş*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Näme üçin kitaba güneş diýilýär?
2. Kitaby ýene nämä meňzetmek mümkin?
3. Kitap hakynda nähili tapmaçalary we dana sözleri bilýärsiňiz?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 73.** Nokatlara derek çyzygyň sag tarapyndaky işliklerden degişlisini ulanyp, sözlemleri depderiňize ýazyň. Nusga: Gurban şäherden geldi.

| | |
|---|---|
| Gurban şäherden … | okaýar |
| Men ertir babamlara … | okaýarys |
| Juma ikinji synpda … | geldi |
| Biz kitap … | gitjek |

G **Gönükme 74.** Okaň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň. Has gara ýazylan sözleriň gymyldy-hereketi aňladýandygyny ýadyňyzda saklaň.

Kakam oba **gitdi**. Ol şu gün **geldi**. Horaz **gygyrýar.** Adamlar **işleýär**. Jeren ertir **geler**. Ertir sirk **boljak**.

G **Gönükme 75.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine çyzygyň sag tarapyndaky sözlerden şol zada, predmete degişli hereketi aňladýan sözi tapyp ýäzyň.

*Nusga:* Sygyr molaýar. …

| | |
|---|---|
| Sygyr … | ýagdy |
| Howa … | molaýar |
| Ýagyş … | bulutlaşdy |
| Jigim mekdebe … | dokaýar |
| Ejem haly … | gögerdi |
| Meýdanda otlar … | barýar |

★ G **Gönükme 76.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine ýaýyň içindäki soraglara jogap bolýan sözleri tapyp ýazyň.

*Nusga:* Aman oba gitdi.

Aman oba … (näme etdi?). Obamyza artistler … (näme etdi?). Bize myhman … (näme etdi?). Maral kitap … (näme etdi). Horaz … (näme etdi?).

★ G **Gönükme 77.** Aşakdaky gymyldy hereketi aňladýan sözleri ulanyp, özüňizden dört sany sözlem ýazyň.

*Nusga:* Jeren kitap okady.

Okady, işledi, geldi, bardy.

★★ G **Gönükme 78. Ýazmak** sözünden *näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder?* diýen soraglara jogap bolar ýäly edip sözlemler düzüň we ony depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Maral öý işini ýazdy. …

***Muny bilmek gyzykly***

Dünýäde iň uzyn boýly basketbolçylaryň biri Hytaýly Syn Minmindy. Onuň boýy –236 santimetr, agramy – 152 kilogram.

**Ýumuş.** Basketbol oýnunda peýdalanylýan sport gurallaryny bogna bölüp ýazyň?

## GÜNEŞ WE ÝYLDYZJYK HAKYNDA ERTEKI

Kosmosda, uzak-uzaklarda, näbelli bir galaktikada Gün şöhle saçýardy. Ol şeýle bir göz gamaşdyryjy we uludy. Ol şeýle bir göz gamaşdyrýardy, onuň ýanynda hiç bir zat görüp bolmazdy. Asman jisimleriniň hemmesi Güne täsin galýardylar we oňa höwes edýärdiler. Olaryň her biri Güne meňzäp uly we köp şöhle saçýan bolmak isleýärdiler.



Galaktikanyň bir çetinde kiçijik ýyldyzjagaz ýaşaýardy. Ol hemişe Güne seredip «Näme üçin men beýle owadan däl» diýip oýlanýardy. Ýyldyzjyk öz nurlaryna seredip käte aglaýardy.

Günüň ýanynda uly bolmadyk bir planeta bardy. Ol planetada bir oglanjyk ýaşaýardy. Ol hiç haçan Günüň şöhlelerine göni seredip, ony görüp bilmezdi. Başyny asmana göterip Güne seretmekçi bolsa, ol dessine oglajygyň gözlerine ýiti nurlary bilen urardy. Ondan soň biraz wagta çenli oglanjygyň gözüniň öňünde her hili reňkdäki tegelekler gaýmalaşyp uçup ýöreýärdi.

Bir güni gijesine oglanjyk biraz wagt uklap bilmän ýatypdyr. Ol aýnadan asmana seredipdir. Asmanda ýalňyz ýyldyzjyk ýalpyldap durdy. Ýyldyzjygyň nury onçakly ýagty we gözüňi gamaşdyryjy däldi, belki ol ýumşak we kümüş ýalydy. Oglanjyk ýyldyzjagaza uzak wagt seredip lezzet aldy. Soňra bolsa «Sen nähili owadansyň!» diýdi.

Ýyldyzjagaz begenip, öňküsinden-de köp nur saçyp başlady. Ol indi her gije oglanjyk üçin ýalpyldaýardy.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1.Gün hähili şöhle saçýar?
2. Güne dogry seretmek göz üçin zyýanlymy?
3. Oglanjyk näme bilen dostlaşypdyr? Ol dostuna nähili oňat söz aýtdy?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 79.** Okaň we göçüriň. *Näme edýär?* diýen soraga jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň. Olaryň nämäni aňladýandygyna üns beriň.

Okuwçy okaýar. Söhbet ýazýar. Işçiler işleýär. Kämil mekdepden gelýär. Daňataryň agasy Moskwada okaýar. Çagalar oýnaýar.

G **Gönükme 80.** Aşakdaky gymyldy-hereketi aňladýan sözleri ulanyp, özüňizden dört sany sözlem ýazyň.

*Nusga:* Maral jogap dokady. …

Dokady, ýasady, kakýar, bakýar.

G **Gönükme 81.** Okaň. Ilki *näme etdi?*, soňra *näme edýär?* diýen soraga jogap bolýan sözleri depderiňize ýazyň.

*Nusga:* näme etdi? – geldi, …
Näme edýär? – alýar, …

Alýar, gülýär, geldi, gidýär, oturdy, ýazýar, ýazdy, gördi, öwrenýär, turdy, ýatdy, begenýär, ekýär.

G **Gönükme 82.** Okaň. *Näme eder?, näme etjek?* diýen soraglara jogap bolýan sözleri aýdyň.

Okuwçylar geler. Mugallym kitap okar. Mugallym öwreder. Okuwçylar öwrener. Men şähere gitjek. Agama sowgat äkitjek. Men dostum bilen oýnajak.

## BULUTJAGAZ WE GÜNEŞ



Bir güni bulutjagaz Güneş bolmakçy boldy. Ol ýer ýüzüni ýyladyp ýagtylandyrmagy isledi. Bulutjagaz ýer ýüzüne nurlary näçe köp ýaýratsa, şonça peýda köp bolar diýip oýlady. Bulutjagaz Güne ýüzlenip:

– Maňa nurlary ýaýratmagy öwret, menem Gün bolasym gelýär,– diýipdir.

Gün ýylgyryp:

– Bu saňa näme üçin gerek? – diýipdir.

– Sen Gün bolsaň onda ýeri kim suwarar? – diýip Gün jogap beripdir.

Emma bulutjagaz kesirlik edip:

– Men güneş nurlaryny ýere ibermekçi – diýipdir.

Gün: – Bu örän aňsat, ýer ýüzüne mähirli pikirleri we sözleri iberip başla. Şular meniň güneş nurlarymdyr.

Bulutjagaz pikirini jemläp ýere mährini iberip başlapdyr. Emma gün şöhleleriniň ornuna ondan ýagyş güýçli ýagyp ugrady. Ýerde hemme zat şadyýan bolup, Güneşden soň ýagyş ýagdy diýip begenipdir. Şeýle edip Güneş we bulutjagaz ýer ýüzündäki hemme zadyň begenendigini görüp gülüp başladylar. Bulutjagaz onuň ýagyş damjalary ýer üçin edil gün şöhleleri ýaly zerurdygyny düşündi. Olaryň bile begenjinden älemgoşar emele geldi.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Bulutjagaz näme etmekçi boldy?
2. Gün oňa näme diýip jogap berdi?
3. Asmanda älemgoşar nämeden emele geldi?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 83.** Göçüriň. Nokatlara derek ýaýyň içindäki soraga jogap bolýan sözleri tapyp ýazyň.

*Näme eder?, näme etjek?* diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň we olaryň kimiň, nämäniň hereketini aňladýandygyny aýdyň.

*Nusga:* Jigim çagalar bagyna gider.

Jigim çagalar bagyna … (näme eder?). Işden soň ejem onuň yzyndan … (näme eder?). Olar öýe … (näme eder?).

Men kitap … (näme etjek?). Sen nirä … (näme etjek?). Ýagyş … (näme eder?).

★ G **Gönükme 84.** Aşakdaky gymyldy-hereketi aňladýan sözlerden *näme eder?* diýen soraga jogap bolýanlary biraýry, *näme etjek?* diýen soraga jogap bolýanlary biraýry ýazyp göçüriň.

*Nusga:* Näme eder? – alar, getirer, …
Näme etjek? – aljak, getirjek, …

Alýar, alar, aldy, aljak, getirýär, getirer, getirdi, getirjek, barýar barar, bardy, barjak, gelýär, geler, geldi, geljek, okaýar, okar, okady, okajak, kakýar, kakar, kakdy, kakjak.

★★ G **Gönükme 85.** Aşakdaky hereketi aňladýan sözleri *näme eder?, näme etjek?* diýen soraglara jogap bolar ýaly edip, depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Näme eder? – alar, geler, …
Näme etjek? – aljak, geljek, …

Al, gel, git, ýaz, oka, bar, ber, otur, gör, bejer.

★ G **Gönükme 86.** Nakyllary okaň we depderiňize ýazyň. *Näme eder?* diýen soraga jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

**Nakyllar**

Aý dogsa, älem görer.

Ody gozgasaň öçer.
Goňşyny gozgasaň, göçer.

Çopanyň aýagy ýetmese, taýagy ýeter.
Ulynyň diýenini etmedik uwlar.

Ýalançy töre bir geçer.

## GÖWÜN WE DIL

## GELDI BAHAR GÖWÜNLER AÇYLAR



1-nji martdan başlap ülkämizde bahar-ýaz pasly başlanýar. Babadaýhanlarymyz ýaz ekişine başlaýarlar, baglarda ýazky ýumuşlary bejermäge başlaýarlar.

Mart aýynda gün barha ýokary göterlip, ýeriň ýüzüni gyzdyryp başlaýar.

Bahar gelen bolsa-da, mart aýynyň başlarynda howa tiz-tiz üýtgäp durýar. Ýagny, maýyl şemal öwüsýär, agşamara we ir bilen ümür düşýär, güýçli ýagyn ýagýar.

Baharyň ilkinji gülleri açylyp ugraýar. Olara sary gülli baýçeçek, dury gök gülli çuçmama, benewşeler, çigildemler we başga güller degişlidir.

Agaçlar pyntyklaýar, gülleýär. Mart aýynda mör-möjekler gyşgy ukudan oýanýarlar. Gurbagalar gürrüldäp «aýdym aýdyp» başlaýarlar. Leglek, daşdeşen, käkilik, garlawaç we durnalar uçup gelýärler.

Aýy, kirpi, tilki we möjekler gyşgy ukudan oýanýarlar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Bahar-ýaz pasly haçan başlanýar?
2. Baharyň ilkinji günleri howa ýagdaýy nähili bolýar?
3. Ilkinji bolup haýsy güller açylýar?
4. Baharda haýsy guşlar uçup gelýärler?
5. Siz olary nähili garşylaýarsyňyz?

***Gönükmeler işlemek***

Sözlem sözlerden düzülip, gutaran bir pikiri aňladýar. Sözlem üç hili bolýar: 1. Habar sözlemi. 2. Sorag sözlemi. 3. Ýüzlenme sözlemi. Her sözlemiň öz intonasiýasy bolýar.

G **Gönükme 87.** Sözlemleri okaň we göçüriň. Olaryň her biriniň okalyşynyň heňine-intonasiýasyna üns beriň.

Düýn ýagyş ýagdy. Haçan ýagyş ýagdy? Toýuňyz gutly bolsun!

1. Näçe sözlem bar?
2. Sözlemleri okanyňyzda olaryň heňi-intonasiýasy deňmi?
3. Her bir sözlemden soň goýlan dyngy belgiler meňzeşmi?

G **Gönükme 88.** Surata seredip ýene-de iki sözlem düzüň we ýazyň.

Batyr agajyň aşagyny ýumşadýar. Gülşirin gülleri suwarýar.

★ ★ G **Gönükme 89.** Aşakdaky sözlemleri okaň we göçüriň. Birinji sözlemiň shemasyny çyzyň.

**TAHYR**

Tahyr şäherde ýaşaýar. Ol ikinji synpda okaýar. Tahyr edepli oglan. Ol gowy okaýar. Ol ýoldaşlaryna hem kömek berýär.

★ ★ G **Gönükme 90**. Okaň. Habar sözleminden beýleki sözlemleri depderiňize göçüriň. Göçüren sözlemleriňiziň yzyndan nähili belgi goýlandygyny aýdyp beriň.

Meniň doganym ikinji synpda okaýar. Seniň doganyň näçenji synpda okaýar? Men erteki okadym. Sen erteki okadyňmy? Çagalar mekdebe gelýär. Çagalar näçede oýanýar?

★ G **Gönükme 91.** Teksti okaň. Aşakdaky tekstde näçe sözlem bar? Sözlemleri dogry edip depderiňize göçüriň.

Batyr we Serdar dost olar mekdepden gelýärkä uly ýoldan geçip bilmän duran mamany görüpdirler oglanlar mamanyň elindäki ýüki göterişipdirler we mamany ýoldan geçiripdirler.

***Muny bilmek gyzykly***

Her ýyl 7-nji aprel güni Saglyk güni bellenýär.

**Ýumuş.** Aprel ýylyň näçenji aýy? Haýsy pasla degişli?

## ŞAHSY KITAPHANA



Meniň adym Kerim, men öýümizdäki şahsy kitaphanamyz hakynda aýdyp bermekçi. Biziň kitaphanamyz uly. Kitaplaryň sany togsana ýakyn. Olaryň arasynda gyzykly kitaplar bar. Biziň hemme kitaplarymyz üçe bölünýär. Olaryň arasynda meniň kitaplarym, ululary ň kitaplary we nesilden-nesle geçirilýän kitaplar bar. Üçünji toparda bir sany kitap bolsa-da, ol hemmämiz üçin örän gadyrly kitapdyr. Ol kitaby meniň babam çaga wagtynda okan eken. Bu kitabyň ady Çagalar üçin ertekiler toplumy. Ol kitap 1960-njy ýylda çap edilen we ol biziň kitaphanamyzdaky iň köne we hormatlanýan kitap. Biz bu kitaby okanymyzda aýawly okaýarys.

Meniň kitaplarymyň arasynda itler hakyndaky kitaplar bar. Men itleri örän oňat görýärin we olara ideg etmek hakyndaky kitaplary okamaga çalyşýaryn. Bu maglumatlar maňa Garadag atly itime ideg etmekde kömek berýär.

Ulularyň kitaplarynyň arasynda lukmançylyga degişli kitaplar bar. Meniň kakam lukman bolup isleýär. Ol öz işi üçin şu kitaplary okaýar. Ejem bolsa edebi kitaplary okamagy gowy görýär.

Kitap bize rehimli, mähirli, dogruçyl, akylly bolmagy öwredýär. Şonuň üçin men köp okamagy gowy görýärin.

★ ★ ★ ?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Özüniziň şahsy kitaphanaňyz hakynda aýdyp beriň.

**Birine bir zady habar bermek üçin ulanylýan sözleme habar sözlemi diýilýär. Habar sözleminiň yzyndan nokat (•) goýulýar. Nokatdan soňky sözlem baş harp bilen başlanýar.**

**Meselem: Ýaz geldi. Howa maýlady.**

***Gönükmeler işlemek***

★ G **Gönükme 92.** Okaň. Bu ýerde näçe sözlem bardygyny aýdyň. Sözlemleriň soňunda hähili dyngy belgi goýulýar? Nokatdan soňky sözlem nähili harp bilen başlanýar?

Gün dogdy. Mallar öri meýdanlara çykaryldy. Gözel eje sygryny sagdy. Myratjyk ýerinden turdy. Ol ýuwundy. Gözel eje ogluna ertirlik nahar berdi.

★ G **Gönükme 93.** Göçüriň. Habar sözleminiň niresinde nokat goýandygyňyzy aýdyň.

**ÇOPANLAR**



Möwlam aga baş çopan. Onuň kömekçileri Döwlet bilen Gurban. Olar goýun bakýarlar. Gün ýaşdy. Çopanlar goşa ýygnandylar. Olar nahar edindiler. Çaý içdiler. Soňra radio diňlediler.

★★ **G** **Gönükme 94.** Okaň. Nirede nokat goýmalydygyny aýdyň. Gerekli ýerine nokat goýup göçüriň.

**RUSLAN BILEN RAHYM**



Ruslan bilen Rahym ikisi dost Ruslan Rahymyň ýanyna geldi Rahym oýnaýardy Ol Ruslanyň öňünden çykdy olar bile oýnadylar.

★★★

## KITAPHANA

Biziň mekdebimiz häzirki zaman görnüşindäki iki gatly owadan binadyr. Mekdebimizde häzirki zaman okatmak serişdeleri bilen doly üpjün edilen synp otaglary bar.

Mekdebimiziň bezegi onuň kitaphanasydyr. Kitaphanada her hili kitaplar köp. Olar hünji düzülen ýaly bir endigan bolup owadan kitap tekjelerinde durýarlar. Biz kitaphanadan köp kitap alýarys. Men köp kitap okamagy gowy görýärin. Kitap maňa dünýänin täsinliklerini, bilimlerini we umuman aýdanda köp zatlary öwredýär.



Kitap biziň dostumyzdyr. Kitaby köp okamak gerek. Okuwçylar kitaby aýawly saklaň! Çünki kitap bilimiň çeşmesidir. Halkymazda nakyl bar:

Köp ýaşan köp bilmez,
Köp okan biler.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Mekdebiňiz hakynda aýdyp beriň.
2. Siziň mekdebiňizde kitaphana barmy?
3. Sen kitaphanadan kitap alýarmyň?
4. Sen haýsy kitaplary okadyň?

### *Gönükmeler işlemek*

G **Gönükme 95.** Sözlemleri gerekli ýerinde nokat goýup göçüriň. Täze sözlemi baş harp bilen başlamagy unutmaň.

Howa bulutlaşypdy uzakly gün ýel öwüsdi düýn bolsa gijesi bilen ýagyş ýagdy ýagyş daňa golaý diňdi bu gün howa gowy.

G **Gönükme 96.** Okaň. Habar sözleminiň nirede başlap, nirede gutarýandygyny aýdyp beriň. Soňra degişlli dyngy belgisini goýup, olary göçüriň.

Gün ýaşdy mallar oba geldi kakam goýunlary suwa ýakdy biz oýna gitdik biz howluda dostlarymuz bilen oýnadyk.

G **Gönükme 97.** Sözleri öz ýerinde ulanyp, habar sözlemlerini düzüň. Habar sözlemlerini biri-biriniň yzyndan ýazyň. Degişli dyngy belgisini goýmagy unutmaň.

*Nusga:* Biz ikinji synpda okaýarys.

1. Biz, synpda, okaýarys, ikinji.
2. Men, bäşlik, sapaklarymdan, alýaryn.
3. Enem, gyzykly, aldy, kitap, maňa.
4. Mekdebimiziň, men, ýaryşyna, sport, gatnaşjak.

## ALYŞIR NOWAÝY ADYNDAKY ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DÖWLET KITAPHANASY

Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Kitaphanasy 1870-nji ýylyň maý aýynda Daşkent jemgyýetçilik kitaphanasy edip açyldy. Kitaphananyň golýazmalar fondy 1979-njy ýylda 250 tomy düzýärdi.

1948-nji ýylda kitaphana beýik Özbek şahyry Alyşir Nowaýynyň ady dakyldy. Şonda kitaphana 3 gatly täze bina eýe boldy.



2011-nji ýylda paýtagtymyzyň şäher gurluşyk medeniýetiniň ýene bir owadan ýadygärligi – Magaryf Merkezi guruldy. Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Kitaphanasy bu binada ýerleşdirildi. Bu kitaphanada okyjylar üçin häzirki zaman mümkinçilikleri döredilen. Kitaphanada «Özbegistan», «Adalat», «Gelejek», «Jahan» diýip atlandyrylýan bölümleri bar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Kitaphanasy haçan döredildi?
2. Bu Kitaphana haýsy şäherde ýerleşen?
3. Şahsy kitaphana, mekdep kitaphanasy we Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Kitaphanasynyň arasynda nähili tapawut bar?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 98.** Aşakdaky teksti okaň, at goýuň. Tekstde näçe sözlem bar?

Men baga girip dynç almagy we gyşlaryň aýdymlaryny diňlemegi oňat görýärin. Bagdaky guşlar biri-birinden ajaýyp edip saýraýarlar. Olaryň arasynda bilbiliň owazy has ýakymly.

G **Gönükme 99.** Berlen sözlerden peýdalanyp soraglara jogap ýazyň.

1. Ülje agajy nirede ösýärdi?
2. Ülje agajyna näme gondy?
3. Guşlar näme etdiler?
(Bagda, serçeler, üljäni çokup iýdiler)

***Muny bilmek gyzykly***

Agyz boşlugynyň saglygy häzirki zaman adamynyň medeniýetinden we ýaşaýyş derejesinden habar berý

**Ýumuş.** Ýokardaky sözlem nähili sözlem?

## TYGŞYTLY BOLUŇ



Bu waka gadym zamanda bolupdyr. Bir baý Namera derýasyndan gämide ýüzüp geçmekçi bolupdyr. Onuň hyzmatkäri on teňňäni tötänden suwa gaçyrypdyr.

Şonda baý derrew adamlary çagyryp, şemleri ýakyp, teňňeleri gözläp tapmagy buýrupdyr. Bulary syn edip duran bir adam şeýle diýipdir:

– Bu baý on teňňäni tapmak üçin şunça adamy çagyrypdyr, şunça şem satyn alypdyr. Bu oňa on teňňeden gymmat düşýär ahyryn.

Ony eşiden baý şeýle jogap beripdir:

– Dogry, käbir adamlar şeýle pikir edýärler. Köpçülik tygşytlylyk bilen açgözlügiň tapawudyna barmaýar. Emma sarp edilen pullar ýok bolup gitmeýär, olar elden-ele geçip dünýäni aýlanýar. Ýöne suwa düşen on teňňe başgaça. Häzir biz olary tapmasak, ol ýitip gidýär, ondan adamlar peýdalanyp bilmezler.

Muňa hakyky tygşytlylyk diýilýär!

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Tygşytly bolmak üçin näme etmeli?
2. Çagalar, öýüňizde swet, suw, gazy tygşytly peýdalanýarsyňyzmy?
3. «Dama-dama köl bolar – hiç dammasa çöl bolar» diýen nakylyň mazmunyny düşündiriň.

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 100.** Okaň. Haýsy sözlemleriň habar, haýsylarynyň sorag sözlemidigini aýdyp beriň. Olaryň okalyşynyň intonasiýasyna üns beriň. Sorag sözlemlerini göçüriň. Sorag sözleminiň yzyndan nähili belgi goýulýar?

Men ejem bilen haýwanat bagyna gitdim. Sen ol ýerde bolduňmy? Ak aýyny gördüňmi? Haýwanat bagy gowy eken. Siz haçan gitjek? Kim bilen gitjek? Jigiňi hem äkitjekmi?

**G** **Gönükme 101.** Surata serediň. Suratdaky çagalaryň näme edýändigini barada gürrüň edip beriň we depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Çagalar öý işlerine kömek edýärler.



**G** **Gönükme102.** Okaň we sorag sözlemlerini göçürip alyň. Sorag sözleminiň soňunda nähili belgi goýulýar? Sorag belgiden soňky sözlem nähili harp bilen başlanýar?

Okuw ýyly gutaryp barýar. Sen nähili okaýarsyň? Men ikinji synpy bäşlik bilen gutararyn. Sen tomusda dynç almaga gitjekmi? Nirede dynç aljak?

## AÝDYLAN SÖZ – ATYLAN OK, GAÝTARYP ALYP BOLMAZ

Bu nakyla ata-babalarymyz köp döwürler öň eýerip başlapdyrlar. Ol adamlary oýlanmazdan söz aýtmakdan saklapdyr. Oýlanmazdan aýdylan söz, edil atylan ok ýaly yzyna öwrüp bolmaýan ýaman netijelere getirmegi mümkin. Bu nakyl öz gahar-gazabyna ýa-da ýaman ýagdaýda

bolmagyna garamazdan her bir söz oýlanyp aýdylmalydygyny adamlara öwredýär. Seýle hem her bir sözüň grammatiki taýdan dogry aýdylmagynyň örän zerurdygyna üns berýär.



Her bir adam özüniň aýdan sözüne jogapkärdigi hem bu nakylda nygtalýar.

Bu nakyl, okdan adam ýaradar bolsa-da ony düzedip bolar, emma, nädogry aýdylan sözüň ýarasy hiçem bitmez diýen manyny aňladýar. Adam aýdan sözüni näçe yzyna gaýtarjak bolsa-da ony gaýtaryp bilmez. Şonuň üçin her bir aýdýan sözüňize örän seresap boluň.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Söz – bu näme düşündirip beriň.
2. Sözüň gudraty hakyndaky nakyllary ýadyňyza salyp, olary depderinize göçüriň.

*Gönükmeler işlemek*

★★ **G** **Gönükme 103.** Gerekli dyngy belgilerini goýup, sözlemleri depderiňize göçüriň. Gutaran bir pikiri aňladýan bu sözlemleriň haýsylary habar, haýsylary sorag sözlemleri?

Kakam işden geldi seniň kakaň nirede işleýär meniň kakam goýun bakýar siziň obaňyz gumdamy

★★ **G** **Gönükme 104**. Her sözlemden soň degişli dyngy belgileri goýup göçüriň. Täze sözlemi nähili harp bilen ýazyp başlamalydygy ýadyňyzda bolsun.

*Nusga*: Sen nireden geldiň? Men mekdepden geldim.

Sen nireden geldiň men mekdepden geldim siz näçe sagat okadyňyz biz dört sagat okadyk ýoldaşyň ady kim ýoldaşymyň ady Jelil.

★ **G** **Gönükme 105.** Sözlemleri öz heňi-intonasiýasy bilen okaň. Habar we sorag sözlemlerinden beýleki sözlemleri göçüriň. Göçüren sözlemleriňiziň yzyndan nähili belgi goýlandygyna üns beriň.

Ýaz aýlary gutaryp gelýär. Ýaz aýlary haýsy aýlar? Ýaşasyn biziň Watanymyz! Biz parahatçylygy söýýäris! Biz zähmeti söýýäris! Parahatçylyga şöhrat!

★★★

## TYGŞYTLY GUŞJAGAZ

*Erteki*

Guşlaryň howlusynda täze bir guşjagaz peýda bolupdyr. Onuň adyny hiç kim bilmändir. Ol özüni başgaça alyp barýardy. Guşlar bu täze gelen guşda tygşytlylyk diýen

häsiýetden nam-nyşan ýokdugyny derrew aňdylar. Ol arassa iýmegi başarmaýardy, nahardan soň galan ownuklary ýygnamaýardy. Ol bu işlere biperwaýdy. Wagtyň geçmegi bilen täze gelen guşjagaz bu howludaky tertip-düzgünleriň başgaçadygyna düşünip başlapdyr. Kimdir dänäni döküýse derrew ýygnaýardy. Çöregiň ownuklary hem ýerde ýatmaýardy. Howly örän arassa we tämiz saklanýardy.



Soň ol howludaky guşlaryň mekdebindäki derse gatnaşypdyr. Dersde mugallym: «Iýmit ýöne ýerden berilmeýär, ony tapmak üçin köp zähmet sarp edilýär. Iýmit asmandan düşmeýär. Ony tygşytly saklamaly!»– diýýär.

– Nädip men bu hakda öň oýlanmandyryn? – diýip guş öz içinden aýdypdyr.

Şondan soň guşuň gözi açylyp, özgeripdir. Özüni başgaça alyp baryp, yzynda birje-de ownuk galdyrmandyr. Başga guşlar bilen hem dostlaşypdyr. Indi olar her bir täze güni bile garşy alýarlar.

*Iris Rewýu*

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Täze gelen guşda haýsy häsiýet ýokdy?
2. Ol iýende nähili iýýärdi?
3. Dersde mugallymyň aýdan sözlerini tekstden tapyň.

***Gönükmeler işlemek***

**G Gönükme 106.** Her sözlemden soň degişli dyngy belgileri goýup göçüriň. Täze sözlemi nähili harp bilen ýazyp başlamalydygy ýadyňyzda bolsun.

*Nusga:* Sen nireden geldiň? Men mekdepden geldim.

Aman näme edýär ol nahar iýýär Aman naharlanyp nirä gitmekçi ol dostunyň ýanyna gitmekçi Olar näme edýär Olar bilelikde baýrama taýarlanýar.

**G Gönükme 107.** Sözlemleri öz heňi-intonasiýasy bilen okaň. Habar we sorag sözlemlerinden beýleki sözlemleri göçüriň. Ikinji sözlemiň shemasyny çyzyň.

Biziň synpymyzyň okuwçylary örän agzybir. Sen näçenji mekdepde okaýarsyň? Olimpiada çempionlaryna şöhrat! Ýaşasyn parahatçylyk! Goý güllesin eziz watanymyz Özbegistan!

**G Gönükme 108.** Tekstdäki sözlem nämäni aňladýar? Sözlemi bogunlara bölüp göçüriň.

Şondan soň guşuň gözi açylyp, özgeripdir.

***Muny bilmek gyzykly***

Hiç bir adam gözüni ýumman asgyryp bilmeýär.

**Ýumuş.** Asgyryp sözüniň shemasyny çyzyň we boýaň?

## SAMARKAND – TARYH OJAGY
## SAMARKAND – MEDENIÝETLER ÇATRYGY

Samarkandy hakykatdan ajaýyp şäher diýip atlandyrmak mümkin! Dünýäniň iň beýik şahyrlary we akyldarlary ony kalbyň bagy, Gündogar dür dänesi, dünýäniň medeni hazynasy diýip atlandyrýarlar. Asyrlar dowamynda bu gadymy şäher Beýik ýüpek ýolunyň esasy merkezi bolup gelipdir. XXI asyryň başlarynda şäher UNESCO-nyň Umumyjahan mirasy sanawyna girizildi. Şäheri zyýarat etseňiz, bu ýerde ýerleşen ajaýyp taryhy ýadygärlikleriň sanynyň köplüginden haýran bolarsyňyz.



Registan ansamly özüniň al-elwan öwüsýän bezegleri, dürlenip duran äpet uly mawy gümmezleri bilen Orta Aziýa binägärçiliginiň ajaýyp ýadygärligi hasaplanýar. Gadymy Samarkand säheriniň resmi merkezi Registan meýdanydyr. Bu ýerde üç sany medrese gurlan: Ulugbek medresesi (1417–1420), Şirdar medresesi (1619–1636), we Tyllakary medresesi (1647–1660). Halkara festiwallar we baýramlar Registan meýdanynda geçirilýär.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Çagalar siz Samarkanda gezelenje bardyňyzmy?
2. Ol ýerde nähili taryhy ýadygärlikleri gördüňiz, aýdyp beriň?

**Birinden bir zady soramak üçin ulanylýan sözleme sorag sözlemi diýilýär. Sorag sözleminiň soňundan sorag belgisi (?) goýulýar. Sorag sözleminden soň başlanýan söz baş harp bilen ýazylýar.**

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 109.** Soraglara jogaplary tekstden tapyp ýazyň. Jogabyňyzyň shemasyny çyzyň.

1. Samarkandy nähili şäher diýip atlandyrmak mümkin?
2. Samarkandaky gümmezler nähili reňkde?

G **Gönükme 110.** Surata seredip sorag sözlem düzüp, ýazyň.



**G** **Gönükme 111.** Bu saýa haýsy balarynyňky? Balary sözi bilen sözlem düzüň



## SAMARKAND PALAWY



Orta Aziýada palawa esasy nahar hökmünde örän uly sarpa goýýarlar. Rowaýatlara görä, bu tagamyň awtory beýik Iskender – Aleksandr Makedonskiý eken. UNESCO ýakynda Orta Aziýa palawyny adamzat siwilizasiýasynyň maddy däl mirasy diýip yglan etdi.

Palawyň köp dürli görnüşi bardygyny biz bilýäris. Häzir bolsa biz Samarkand palawynyň aýratynlyklary hakynda gürrüň etmekçi. Elbetde, Samarkand palawynyň başga palawlar bilen meňzeş taraplary köp. Orta Aziýa palawyny

bişirmek üçin ilki bilen ýag gyzdyrylýar we palawyň zirwagy (et, sogan, käsir, kämahal guradylan miweler ýa-da sarymsak, burç) aýratyn taýýarlanýar. Soňra bolsa onuň üstüne tüwi salynýar.

Samarkand palawyna bolsa hiç haçan guradylan miweler ýa-da sarymsak salynmaýar. Etini bolsa uly böleklere bölýärler. Şeýle hem önümleri nahara salmagyň yzygiderligi başga ýerde bişirilýän palawlardan tapawutlanýar. Birinji et gowrulýar, soňra sogan, käşir salnyp ondan soň tüwi salynýar. Palaw bişýänçe ony garmaýarlar. Nahar taýýar bolansoň ýanky salnan önümler gat-gat edip tabaga salynýar. Şonda et iň ýokarsynda bolýar.

Ynha Samarkand palawyny hem bişirdik, noş bolsun!

★★★ ?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Palaw bişirmek üçin haýsy azyk önümleri gerek?
2. Samarkand palawynyň başga palawlardan tapawudy nämede?
3. Palaw bişirýän adama kim diýilýär?

***Gönükmeler işlemek***

★ G **Gönükme 112.** Aşakdaky teksti dyngy belgilerini dogry goýup göçüriň.

**Kebelek**

Kebelekler ýer ýüzünde uçup ýörýärler Kebelekleriň görnüşleri örän köp Olar näçedigini siz bilýärsiňizmi kebelekleriň 200 müňe golaý görnüşi bar.

★ G **Gönükme 113.** Soraglaryň jogabyny dogry ýazyň.

Sygyr näme berýär? Goýun näme çeýneýär? Maýmyn näme iýýär? Taryhy zatlar nirede saklanýar?

(muzeý, ot, süýt, banan)

**G** **Gönükme 114.** Haýsy haýwan näme iýýär? Sözlem düzüp ýazyň.



## ÝAZUWY KIM OÝLAP TAPDY?

## ÝAZUWYŇ EMELE GELMEGI



Çagalar, ýazuwsyz durmuşy göz öňüňize getirip görüň. Araňyzda käbirleriňiz ýazuw bolmasa gowy bolardy, diktant we düzme ýazmazdyk, diýjekler hem tapylar. Emma onda kitaphanalar, kitaplar, hatlar umuman hiç hili resminamalar bolmazdy.

Ýazuw arkaly bütin dünýä, biziň durmuşymyz edil aýnadaky ýaly şöhlenendirilýär. Ýazylan tekstleri okanymyzda biz wagt maşynyna münen ýaly bolýarys we uzak geçmişe geçip bilýäris. Ýazuw bu sungatdyr. Bu sungat uzak asyrlaryň dowamynda şekillendi. Ýazuw 6000 ýyl öň peýda bolupdyr. Ýazuwyň ösmegi netijesinde biziň häzirki elipbiýimiz emele gelendir.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

Test:

1. Türkmen elipbiýinde näçe harp bar?

a) 33
b) 30
ç) 34
d) 35

2. Özbek elipbiýinde näçe harp bar?

a) 29
b) 30
ç) 35
d) 28

3. Iňlis elipbiýinde näçe harp bar?

a) 26
b) 31
ç) 32
d) 33

**Birine ýüzlenip, içki begenji, guwanjy aňladyp, belent intonasiýa bilen aýdylýan sözleme ýüzlenme sözlemi diýilýär. Ýüzlenme sözleminiň yzyndan ýüzlenme belgisi (!) goýulýar. Ýüzlenme sözleminden soňky sözlem baş harp bilen başlanýar.**

***Gönükmeler işlemek***

★ **G** **Gönükme 115**. Okaň we ýüzlenme sözlemlerini aýdyp beriň. Ýüzlenme sözleminiň yzyndan nähili belgi goýulýar? Şol belgiden soňky sözlem nähili harp bilen başlanýar?

Sen kitaby gowy görýärmiň? Men kitaby gowy görýärin. Çagalar, kitaby aýawly saklaň! Kitaplaryňyzy, depderleriňizi hapalamaň, ýyrtmaň!

★ **G** **Gönükme 116.** Ýüzlenme sözlemlerini degişli heňi-intonasiýasy bilen okaň, soňra göçüriň.

Ýok bolsun uruş! Biz parahatçylygy söýýäris! Ýaşasyn azatlyk! Zähmete şöhrat! Ýaşasyn eziz watanymyz! Myrat, maňa sary galamyňy bersene!

★★ **G** **Gönükme 117.** Sözleri öz ýerinde ulanyp, ýüzlenme sözlemlerini düzüň we depderiňize ýazyň. Degişli dyngy belgisini goýmagy unutmaň.

1. Ugrunda, parahatçylyk, yzygiderli, göreşeliň.
2. Gününi, ýeňiş, belläliň, üstünlikli.
3. Watanyň, hemişe, üçin, işe, taýýardyrys.

### *Muny bilmek gyzykly*

Adamyň gulagy we burny bütin ömür ösýär.

**Ýumuş.** Gorkak we uzyn gulakly haýwanyň ady näme?

## JADYLY RUÇKA



Bir bar eken bir ýok eken ýönekeýje bir şarikli ruçka bar eken. Onuň bir arzuwy bar eken. Ol jadyly ruçka bolmagy isleýän eken. Emma ol ýönekeý ruçka nähili edip jadyla öwrülýändigini bilmeýän eken. Bir güni mekdebe barýan Kolýa ruçkany tötänden ýitiripdir. Biçäre ruçka başyndan köp kynçylyklary geçiripdir. Ol ýagyşyň aşagynda öl bolupdyr, köp wagtlap hapalaryň arasynda ýatypdyr, emma ol umydyny ýitirmändir. Ol bagtly geljegine ynanyp ýatyberipdir. Bir güni ruçkany nätanyş bir adam göterip alypdyr we ony öýüne alyp

gidipdir. Bu adam ertekiçi eken. Bir gün ertekiçi ruçka jadyly ýurda bile gitmekligi teklip edipdir. Şondan bäri ruçka Gün, ýyldyzlar, uzakdaky Galaktikalar barada ýazyp başlapdyr. Ertekiçi özüniň jadyly güýjüniň bir bölegini ruçka beripdir. Ruçka jadyly ruçka öwrülip, hemme zat barada özi ýazyp başlapdyr.

*Iris Revyu*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ertekiniň esasy gahrymany näme?
2. «Jadyly» diýen söziň manysyna nähili düşünýärsiňiz?
3. Göz öňüňize getiriň siziň eliňize jadyly ruçka düşdi, indi bolsa özüňiz islän temada hekaýa ýazyň.

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 118.** Özüňizden üç sany ýüzlenme, üç sany sorag sözlemini düzüp, depderiňize ýazyň.

G **Gönükme 119.** Degişli dyngy belgisini goýup, ýüzlenme sözlemlerini göçüriň. Täze sözlemi baş harp bilen başlamagy unutmaň.

Mähriban eneler, sylaglaryňyz gutly bolsun ýaşasyn, biziň watanymyz okuwçylar, mekdebiň işine aktiw gatnaşyp kitaby köp okaň, kitap siziň dostuňyzdyr.

G **Gönükme 120.** Göçüriň, degişli ýerinde nokat, sorag, ýüzlenme belgilerini goýuň. Täze sözlemleri baş harp bilen başlamagy unutmaň.

Daň atdy gün dogdy biz mekdebe geldik sen düýn toýa bardyňmy olar ertir şähere gidýärmi sen nirede boljak

ýaşasyn zähmet gahrymanlary bol hasyl ugrunda göreşeliň ýaşasyn agzybirlik.

## SUNGAT WE MEDENIÝET

## NOWRUZ – BAHAR BAÝRAMY



Baharda howa maýyl bolmagy bilen tebigatda özgerişler başlandy. Agaçlar janlandy. Daş-töweregimiz tebigatyň ajaýyp boýaglaryna geýnip başlady.

Tal agaçlary pyntyklap dur. Şeýdip ülkämize bahar gelýär. Baharyň gelmegi bilen Nowruz hem gelýär. Hemme ýerde dürli güller we miweli agaçlar gülleýär.

Nowruzyň gelmegi bilen dürli milli tagamlar bişirilýär. Olardan ýag, gaýmak, jyjjyk, hoz salnyp bişirilýän çelpek we petirler örän tagamlydyr. Narpyz, ysmanak ýaly otlardan somsa bişirilýär. Hemmeller gök lybasa bürenen düz meýdanlara çykyp dürli baýramçylyk oýunlaryny oýnaýarlar.

Siziň bahardaky dynç alyş günleriňiz hem Nowruza dogry gelýär. Dynç alyş günleri tebigata şeýle çyksaňyz hezil edersiňiz.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. «Tebigatyň ajaýyp boýaglaryna geýnip başlady» diýende siz nämä düşünýärsiniz?
2. Nowruz baýramy hakynda aýdyp beriň?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 121.** Sözlemler düzüň we depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Ejem çagalar bagyna gitdi.

1. Çagalar, ejem, bagyna, gitdi.
2. Agşam, konsert, mekdebimizde, boljak.
3. Sagat, konsert, başlanýar, näçede.
4. Bolsun, gutly, toýuňyz.

G **Gönükme 122.** Özüňizden habar, sorag, ýüzlenme sözleminiň hersine degişli iki sany sözlem düzüp, depderiňize ýazyň.

## TUT AGAJY



Tut agajy örän peýdaly agaçdyr. Özbegistanda tutlaryň ençeme görnüşleri bar. Ak tut, gara tut, kä ýerlerde şa tudy hem gabat gelýär. Emma ol kän ýaýran däldir.

Tut agajy örän berk bolansoň, ondan dutar, öý gap-gaçlaryny ýasamakda ulanylypdyr. Tuduň ýapragyndan, kökünden goňur, gyzyl-sary reňkleri almak bolýar.

Tut agajy aprel aýynda ýapraklaýar we gülleýär. Maý aýynyň aýaklarynda bolsa – miweleri bişip başlaýar. Tuduň bişen tudanasyndan on bäş göterime barabar şeker alynýar. Şonuň üçin onuň miwesi üýmek üçin örän ýakymly. Tudana bişen wagty serçeler hem sarlar onuň töwereginden aýrylmaýarlar. Sebäbi tudana olar üçin iň lezzetli iýmişdir.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Tut agajy haçan ýapraklaýar?
2. Tut agajynyň nähili peýdasy bar?
3. Tudyň tudanalary nähili reňkde bolýar?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 123.** Göçüriň. Dodak çekimlileri ýada salyň. Içinde **o, ö** dodak çekimlileri bolan sözleriň aşagyny çyzyň. **O, ö** dodak çekimlileri sözüň diňe haýsy bognunda ýazylýar?

Çopan goýunlary suwa ýakdy. Ördek suwda oňat ýüzýär. Haýwanat bagynda möjek hem bar. Biz ýoldaşymyza garaşdyk, ondan soň köle gezelenje gitdik.

G **Gönükme 124.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli çekimlileri ýazyň.

1. o, ö dodak çekimlileri sözüň haýsy bognunda ýazylýarlar?

2. u, ü dodak çekimlileri sözüň haýsy bognunda ýazylýarlar?

Örd…k, dol…k, ök…z, çol…k, toý…n, bör…k, Göz…l, dök…n, ýor…nja, çoý…n, ogl…n, düw…n, goý…n, üz…m, gurş…n, od…n, köm…r, oj…r.

G **Gönükme 125.** Göçüreniňizde, ýaýyň içindäki çekimlini onuň öňündäki söze goşup ýazyň.

Myrat (y) oýnamaga çagyrdylar. Okuwçylar mekdep (e) barýarlar. Garry balyk (y) suwa goýberipdir. Bu oturgyç (y) kluba eltiň!

***Muny bilmek gyzykly***

Gülki adamyň ömrüni uzaldýar.

**Ýumuş.** Galgyrylan harplary ýazyň. S...or... adamyň ömrüni uzaldýar.

## ÄLEMGOŞAR



Ýagşyň yzýany peýda bolýan älemgoşar bu ajaýyp tebigy hadysadyr. Älemgoşaryň reňkleriniň ýerleşiş tertibi bir-biriniň yzyndan bolýar. Älemgoşar edil köprä meňzeýän ýarym aý görnüşinde bolýar. Ýagyşly howada belli bir belentlige çykylsa, älemgoşary tegelek görnüşde hem görmek mümkin. Älemgoşar ýagyş damjalarynyň içinden Gün şöhlesiniň döwlüp geçmegi netijesinde emele gelýär. Şol sebäpli ol şaglawuklarda, hatda kiçijik suw çüwdürimlerinde hem peýda bolýar.

Älemgoşar, adatça, ýedi reňkli bolýar. Olar gyzyl, mämişi, sary, ýaşyl, gök we gyrmyzy reňklerdir.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Älemgoşary renkleriniň yzygiderligini saklamak bilen suratyny çekiň.
2. Älemgoşar renkleriniň yzygiderligini çalyşýarmy?
3. Siz älemgoşary haçan we nirede gördüňiz?
4. Goşgyny okaň we ýat tutuň.

### Älemgoşar

Asmanda gök gürledi
Ýagyş ýagyp şarlady
Giň meýdanda bir geňsi,
Otjagazlar derledi.

Ýagyş ýagyp durundy,
Bulut bir ýan süründi,
Giň asmanda ýaý bolup,
Älemgoşar göründi.

*Gönükmeler işlemek*

★ G **Gönükme 126.** Okaň. Has gara ýazylan sözlerdäki dodak çekimlilerini, olaryň haýsy bogunlarda ýazylandygyny aýdyp beriň.

**TOMUS**

**Tomus** pasly yssy bolýar. Gün has gyzýar. **Otlar** saralýar. Tomsuň **soňky** aýlarynda gawun, garpyz, **üzüm** has oňat ýetişýär. Çagalar tomusda dynç alýarlar.

★★ G **Gönükme 127**. Sözleri göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli dodak çekimlilerini ýazyň.

üz…m, durm…ş, toý…n, goý…n, boý…n, tow…k, sog…n, çuk…r, köm…r, örd…k, gurç…k, gurj…k, ök…z, oý…n, ogl…n.

★ G **Gönükme 128.** Özüňize tanyş adamlaryň, şäherleriň, obalaryň atlaryny getirip, sözlemler düzüň we depderiňize ýazyň.

*Nusga:* Men tomus kanikulynda Daşkent şäherinde ýaşaýan doganym Ogulnarlara gezmäge gitjek.

★★★

## TÜRKMEN HALYSY

Dostlar men size biziň öýümizdäki bir ajaýyp zadymyz hakynda gürrüň bermekçi. Öýümiziň töründe gara-gyrmyzy reňkli lowurdap duran halymyz bar. Ol halyny meniň babamyň enesi we daýzasy mundan 100 ýyla ýakyn wagt öň dokapdyrlar. Ýagny bu haly öýümiziň görki we taryhy hazynasy. Ol bize mamalarymyzdan mirasdyr. Bu halylar bize enelerimiziň ussat el zähmetini ýada salyp durýar. Halynyň her göli, her çitimi, her şekili tutuşlygyna alanyňda, mamalarymyzyň elinden çykan ajaýyp medeni eserdir.



Biziň ene-mamalarymyz nepis halylary dokanlarynda, reňke, boýaga aýratyn ähmiýet beripdirler. Olar bu işde goýy gyrmyzy reňke, erişiň ýüpüniň arassa, sap ak, özü-de diňe saryja goýnuň ýüňünden bolmagyny berk ýola goýupdyrlar. Çünki, bu hili ýagdaýda haly diýseň berk, asyrlardan-asyrlara aşyp, asylky durkuny üýtgetmän saklap bilýän görnüşe eýe bolupdyr.

Ejemiň aýdyşyna görä, halynyň reňkleriniň asyl ekenini barlamak üçin ussat halyçylar öz dokan halylarynyň bir çetiniň aşagyna ak mata goýup halynyň üstünde gaýnap duran suw guýupdyrlar. Şondan soň halynyň aşagyndaky ak matany görüpdirler. Eger-de onuň üstüne halynyň reňkleri geçmedik bolsa, bu halynyň reňkleriniň asyldygyna göz ýetiripdirler.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Haly dokalýan ýüpler haýsy goýnuň ýüňünden egirilipdir?
2. Türkmen halysynda haýsy reňkler bar?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 129.** Okaň we göçüriň. Dag, derýa atlarynyň birinji harpynyň baş harp bilen ýazylýandygyny ýadyňyzda saklaň.

Kaşgaderýa jülgesi Kaşgaderýa we onuň çep akymlary – Aksuw, Tanhoz, Ýakkabog we Güzer suwy bilen suwarylýar. Alaý dag ulgamlarynyň etekleri, Isfaýram derýasy, köp sanly kanallar şäheriň görküne görk goşýar.

G **Gönükme 130.** Biz zadyň hilini, matanyň reňkini, suwuň tagamyny aňladýan sözleri tapyp, nusgadaky ýaly depderiňize göçüriň.

1. Gaty ýer. 2. Ak mata. 3. Süýji suw.

G **Gönükme 131.** Göçüriň. *Nähili? neneňsi?* diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Seniň gyzyl, sary, gök, ýaşyl galamlaryň barmy? Gumda süýji suwly guýular bar. Biziň ýurdumyzda uly şäherler, beýik daglar köp.

## ÇAGALAR AÝDYMY

### OÝNAK TOPUM

Ala mulaja topum
Men oklaýyn, siz gapyň
Gaçyrmaň ony ýere
Degäýmesin ol ýere

Togalanyp gidende
Düp-düp ýüzüň ýerinden
Her näçe ylgasaň-da
Ýetdirmeýär yzyndan.

Biz göz-gulak bolalyň,
Çöp-çör ony deşmesin.
Uzakrakda oýnalyň,
Bizden suwa gaçmasyn.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Goşgudaky topuň reňki nähili?
2. Top nädýär?

a. togalanýar  b. düp-düp urulýar  ç. gülýär

3. Top bilen oýnalýan sport görnüşlerinden haýsylary bilýärsiňiz?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 132.** Aşakdaky teksti okaň. Oňa at goýuň. Tekstiň temasy we esasy pikiri näme? Has gara ýazylan sözler haýsy soraga jogap berýär?

Pingwinler **sowuk** ýurtlarda ýasaýar. Iýmit tapmak üçin deňze **çuň** çümüp aw awlamaly bolýarlar. Olar ganata meňzeýän ýüzgüçleri bilen örän tiz ýüzýärler. Bu jandarlar 260 metr **çuňluga** çümüp bilýärler. Pingwinler **çydamly** jandardyr.

G **Gönükme 133.** Teksti göçüriň we ýogyn çekimlileriň aşagyny çyzyň.

Biziň mekdebimizde gyzykly çäreler yzygider geçirilýär. Okuwçylar şol çärelere höwes bilen gatnaşýarlar. Ýakynda mekdebimizde sport boýunça ýaryş geçirildi. Onda meniň dostum Aman ýeňiji boldy.

G **Gönükme 134.** Okaň we berlen sözlerden garşy manyly sözleri saýlap ýazyň.

Maýda duz – … duz. Ýeňil sumka – … sumka. Ýeňil mesele – … mesele. Süýji alma – … alma.

(Agyr, turşy, agyr, kyýyn)

# HÜWDÜLER



Hüwdi – halk döredijiligiň görnüşi bolup. Ol esasan enelerimiz tarapyndan çagalara aýdylýan aýdym äheňli goşgular. Hüwdüler – medeni mirasymyzdyr. Olar özünde pendi-nesihatlary jemleýän setirlerden, aňyrsynda çuňňur many ýatan enäniň çagasyna aýdýan söýgüden doly sözleridir.

Geçmişimizden göz alyp gaýdýan hüwdi esasan hem çaga sallançakda we enäniň gujagynda ýatanda aýdylýar. Hüwdüniň jadyly owazy çagany tiz we rahat ýatyrýar. Hemmämiz hüwdüler bilen ulaldyk diýsek ýalňyşmarys. Her bir maşgalada, çagaly öýlerde hüwdüniň sesi belentden ýaňlanýar.

Hüwdüler köplenç dört setirden ybarat bolýar, Bu setirleriň daşyndan, ýagny soňunda «hüwwa-hüw, heýýa-heý» diýlip hiňlenilýär. Şu hiňlenmelerden hem «hüwdi» sözi gelip çykýar, diýip dürli çeşmelerde aýdylýar.

G **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Hüwdini kimler aýdýar?
2. Eneňizden siz çagalygyňyzda aýdyp beren hüwdülerini aýdyp bermegini haýyş ediň.

## Birnäçe hüwdülere mysal:

* * *

Aýlanar-a, aýlanar,
Toýluk unuň elener,
Meniň gara göz balam
Gowulykda bellener.

Aýlanar-a, aýlanar,
Ak öýleri saýlanar,
Meň jigimiň toýunda,
Bedew atlar şaýlanar.

* * *

Meniň balam ýatypdyr,
Gyzyl güle batypdyr,
Oýatmaň siz balamy,
Ýaňja uka gidipdir.

Meniň balam ýaşynda,
Ýaşyl, gyzyl başynda,
Agalary öý tutsa,
Oýnar läläm daşynda.

* * *

Aýlan, aýlan, aýlançak,
Akar suwlar bulançak,
Altmyş başly ak öýüň
Ýaraşygy sallançak

* * *

Alla-alla alaýyn,
Ejeňi suwa ýollaýyn,
Ejeň suwdan gelýänçä,
Kişmiş berip aldaýyn.

Allan-allan alaýyn,
Sallançaga salaýyn,
Saňa gelen belany
Daga, daşa ýollaýyn.

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 135.** Göçüriň. *Näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder?* diýen soraglara jogap bolup, gymyldy hereketi aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň.

Durdy kitaphanadan okamaga kitap aldy. Mekdep okuwçylary kitap sergisine barýarlar. Ol erteki okamagy halaýar. Men saňa mekdepde garaşjak. Aman hem mekdebe geler.

G **Gönükme 136.** Her sözlemi öz heňi bilen okajak boluň.

Dostumyň kakasy inžener bolup işleýär. Seniň kakaň nirede işleýär? Sen kim bolmak isleýärsiň? Ýaşasyn azatlyk!

Her sözlemden soň nähili belgi goýlupdyr? Bu belgilerden soňky başlanýan sözlem nähili harp bilen başlanýar?

G **Gönükme 137.** Özüňizden habar sözlemine degişli 2 sany, sorag sözlemine degişli 2 sany, ýüzlenme sözlemine degişli 2 sany sözlem düzüp, depderiňize ýazyň.

## KOMPOZITOR KÄRI



Saz düzýän adama kompozitor diýýärler.

Kompozitor – bu latyn sözi bolur, «düzüji» diýmegi aňladýar. Kompozitorlar çagalar üçin hem aýdym düzýärler.

Beýik nemes kompozitory Iogann Sebastýan Bah öz okuwçylaryna öwretmek üçin düzen sazlaryny bütin dünýäniň çagalary öwrenýär.

Meşhur rus kompozitory P.I. Çaýkowskiý hem çagalar üçin «At oýny», «Eje», «Täze gurjak», «Agaçdan edilen esgerleriň marşy» ýaly eserleri ýazypdyr.

Islendik aýdym-saz halkyň durmuş tejribesi, onuň döreden milli, edebi we medeni gymmatlyklary esasynda döreýär. Durmuşyň täzelenmegi bilen döwre laýyklykda täze mazmunly aýdym-saz eserleri döredilýär. Aýdym-saz eserleriniň haýsy hem bolsa bir durmuşy esasy bolýar.

Kompozitor N.Halmämmedowyň «Keçpelek» sazy gamgyn häsiýetdäki wakany gürrüň berýän bolsa, Ç.Nurymowyň «Döwranyň başdan geçirenleri» atly kino-filmindäki «Döwranjygyň aýdymy» diýen sazynda şadyýan häsiýetdäki bolup geçýän waka gürrüň berilýär. Umuman, aýdym-sazy diňlänimizde, tebigat gözelligi, adam häsiýetleri, durmuşdaky hadysalar, wakalar hakydaňda janlanýar.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Tekstde haýsy kär hakynda gürrüň barýar?
2. Haýsy türkmen kompozitorlary bilen tanyşdyňyz?

***Gönükmeler işlemek***

**G** **Gönükme 138.** Hekaýajygy ünsli okaň. Içinde ýogyn çekimlisi bolan sözleri aýdyp beriň. Birinji, ikinji sözlemi göçüriň.

**TOMUSDA**

Tomsuna howa yssy bolýar. Şonun üçin çagalar howuzlarda hezil edip suwa düşýärler. Çagalar suwa düşenden soň açyk howada oýnamaga çykýarlar. Tomusuna mekdepde okuw bolmandan soň çagalar şatlanyp arassa howada dynç alýarlar

**G** **Gönükme 139.** «Çagalar bagy» diýen teksti okaň. Içinde inçe çekimlisi bolan sözleri bogunlara bölüp, depderiňize göçüriň.

**ÇAGALAR BAGY**

Meniň jigim çagalar bagyna barýar. Ol bäş ýasynda. Çagalar bagynyň terbiýeçisi çagalara gyzykly ertekiler aýdyp berýär. Çagalar onuň aýdyp berýän ertekilerini üns berip diňleýärler.

**G** **Gönükme 140.** Teksti okaň. Ýogyn çekimlili sözleri aýdyň. Birinji sözlemiň shemasyny düzüň.

## BIZIŇ BAGYMYZ

Biziň uly, owadan bagymyz bar. Onda dürli miweli agaçlar ösýär. Bagymyzda atam, kakam we men hemişe agaçlara ideg edýäris. Agaçlaryň gowy ösmegi üçin olaryň aşagyny agdaryp, ýumşadyp durmaly. Şeýle hem, agaçlara ýaşaýys bagyşlaýan suw berip durmaly.

## ÝAGŞY SÖZ



Aýdýaryn güle,
Men ýagşy sözi
– Göýä bir ýyldyz,
Açypdyr gözi!

Aýdýaryn guşa,
Men ýagşy sözi.
– Guş bagşy ýaly,
Şirindir sazy.





Aýdýaryn ýaza,
Men ýagşy sözi.
– Gül-pürçük etdi,
Sährany, düzi.

Aýdýaryn Aýa,
Men ýagşy sözi.
– Şeýle bir gözel,
Nurana ýüzi!



Aýdýan horaza,
Men ýagşy sözi.
– Sagat den irden
Oýarar bizi!





Guza-da aýdýan,
Men ýagşy sözi.
– Gorkmanjyk ýapdan,
Bökegen özi!

Bolsa-da süsek,
Bezzat guzujyk.
Akylly boldy,
Göýä azajyk.

Ýagşy sözümi
Gysganyp ýörmen.
Men ýagşy sözden,
Ýamanlyk görmen.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Oglanjyk nämelere ýagşy sözüni aýdypdyr?
2. «Ýagşy söz baldan süýji» diýen nakyla nähili düşünýärsiňiz?
3. Goşgyny ýat tutuň we rep görnüşinde aýdyp beriň.

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 141.** Asakdaky sözleri okaň we diňe ýogyn çekimlisi bolan sözleri göçüriň. Göçüren sözleriňizdäki çekimlileri aýdyň.

Guty, börek, gurbaga, alma, palaw, pişik, doňdurma, çagalar, jigim, ýagyş, bulut, dutar, möjek.

**Gönükme 142.** Guşlaryň atlaryny okaň we diňe inçe çekimlisi bolan sözleri göçüriň. Göçüren sözleriňizdäki çekimlileri aýdyň.

Torgaý, serçe, sülgün, durna, garasar, kepderi, togdary, laçyn, gögerçin, hüýpüýpik, garga, käkilik, ördek, gaz, toklutaý, düýeguş, bilbil, gumry.

**Gönükme 143.** Hekaýajygy üns berip okaň. Okan hekaýajygyňyzdaky inçe we ýogyn çekimli sesleri aýdyň.

### LUKMAN GYZJAGAZ

Meniň doganym Eneş bäş ýaşynda. Ol ulalanda lukman boljak. Eneşiň oýnawaçlary köp. Ol bir gurjagyny alyp, onuň kellesini ak ýaglyk bilen daňdy. Onuň gyzgynyny barlady. Oňa derman içirdi.

**Gönükme 144.** Berlen sözlere garşy manyly sözleri tapyň.

Salam, arassa, batyr, bahar, şadyýan, süýji.

## HUKUGYMYZ – HAKYMYZ

## ÝOL KADASY – ÖMÜR PEÝDASY

Näme üçin ýoluň gyrasynda pökgi oýnamak bolmaýar?

Bir bar eken, bir ýok eken gadym zamanda bir şadyýan pökgi bar eken. Ol bökmegi, ylgamagy we oýnamagy oňat görüpdir. Onuň köp gyz we oglan dostlary bolupdyr. Oglanlar bilen şadyýan pökgi futbol oýnapdyr, gyzlar bilen bolsa dürli oýunlary oýnapdyr. Ýöne beýleki pökgüler

ýaly ol köçe hereketiniň düzgünlerini bilmändir. Sebä bi ol sürüji hem däldi, pyýada hem däldi. Ol ýönekeý şadyýan pökgüdi. Bir gün oglanlar futbol oýnamakçy boldular. Onuň üçin oglanlar ýoluň ýanyndaky meýdançany saýladylar. Derwezeleri goýdular, iki toparlara bölündiler, eminleri saýladylar. Ine, oýun hem başlandy. Şadyýan pökgi hezil edip oýunçylaryň arasynda ylgaýardy, olaryň aýaklaryna urulýardy, birnäçe gezek derweзä hem girdi. Pökgi şeýle bir oýun bilen gyzyklandy, hat-da köçä çykyp galandygyny hem duýmandy. Köçede bolsa maşynlar çalt tizlik bilen iki tarapa hereket edýärdiler. Pökgi örän gorkdy. Ol nätjegini bilmän ýoluň ortasynda gozganman durup galdy. Pökginiň bagtyna sürüji maşynyň tormozyny basyp ýetişdi. Oglanlar hem gorkdy. Olar şadyýan pökgüden utandylar. Sebäbi olar ýoluň ýanynda oýnamak bolmaýandygyny bilýärdiler ahyryn. Indi şadyýan pökgi bu ýönekeý düzgüni bir ömürlik ýatda saklady. Sen hem eziz dostum, ýadyňda sakla we öz şadyýan pökgiňe «Ýoluň gyrasynda oýnamak bolmaýar!» diýip aýt.



**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Ertekiniň baş gahrymany näme?
2. Onuň dostlary kimler bolupdyr?
3. Pökgi haýsy köçe hereketiniň güzgünini öwrenipdir?
4. Aşakdaky düzgünleri hemişe ýerine ýetiriň:

a. Pyýadalar ýodajygynda diňe sag tarapdan ýöremeli.
b. Uly ýoly diňe ýörite pyýadalar ýodasyndan geçmeli.
ç. Uly ýoly diňe sfetaforyň ýaşyl çyrasy ýananda geçmeli.
d. Sfetoforyň gyzyl we sary çyralary ýakylanda ýoldan geçip bolmaýar.
e. Uly ýoldan geçeňinde iki tarapa seredip maşyn ýok bolsa geçmeli.
ä. Duralgada duran awtobusyň öňünden geçmeli däl – bu örän howply. Awtobus duralgadan gidýänçe garaşyp durmaly.
f. Ýoldan geçeniňde ilki çep tarapyňa seret, ortasyna ýeteniňde saga seredip soňra ýoluňy dowam et.
g. Eger-de ýoldan geçeniňde ýanyňda çaga bar bolsa, onuň elinden pugta tut.
h. Hiç haçan ýakynda gelýän awtomobiliň öňünden ýoly kesip geçme.
i. Şäheriň daşynda ýoluň gyrasyndan öňden gelýän transporta seredip ýöremeli.

### *Gönükmeler işlemek*

**G Gönükme 145.** Aşakdaky sözleri göçüriň. Olaryň soňky bogunlaryndaky çekimlileriň inçe ýa-da ýogyn bolmagynyň sebäbini düşündiriň.

| | | |
|---|---|---|
| o-dun-lar | e-şek | nä-zik-je |
| gat-la-ma | es-se | a-ýaz-ba-ba |
| ýag-myr | ä-dik-çi | dep-der |
| mu-gal-lym | ruç-ka | tow-şan |

G **Gönükme 146.** Nokatlaryň ýerine degişli çekimlini ýazyp, sözlemleri göçüriň.

Men…ň uly gyz dogan…m obamyzd…ky haly fabriginde işl…ýär. Ol ýerd… doganym haly dokaý…r. Joram Göz…liň ejesi hem şol ýerde işleý…r. Ol fabrigiň ökd… halyç…sy.

G **Gönükme 147.** Teksti okaň, nokatlaryň ýerine haýsy çekimliniň bolmalydygyny aýdyň.

**SONAJYK**

Sonalar, Jerenler bilen goňş… . Sona düýn Jerenlere bard… . Onuň bilen gurjak oýnad… . Jeren…ň enesi olara gyzykly ertek… aýdyp berd… .

## GYZYL YŞYK



Ejem ikimiz daýymlara gitdik. Biz uly şähere geldik. Köçede adam köpdi. Köçeden maşynlar geçýärler. Birden

ähli maşynlar sakga durdy. Men haýran galdym. Ejem eli bilen köçäniň çatrygyndaky swetofory görkezdi. Onuň yşygy gyzyldy. Soňra ýaşyl yşyk peýda boldy. Şondan soň maşynlar geçip gitdi.

Köçäni kesip geçeňde diňe pyýada ýoljagazlardan geçmelidigini ejem maňa düşündirdi. Soňra biz pyýada ýoljagaza baryp, ilki çep tarapa seretdik. Maşyn ýokdy. Biz köçäniň ortasyna baryp, sag tarapa seretdik. Ýol boşdy. Şondan soň biz köçeden geçdik.

*M. Köşekow*

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Oglanjyk ejesi bilen nirä barypdyr?
2. Swetofor nirede ýerleşipdir? Ol başga ýerde ýerleşmegi mümkinmi?
3. Oglanjyk ejesi bilen nädip ýoldan geçipdirler?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 148**. Nokatlaryň ýerine **y, i** çekimlileriň degişlisini ýazyp, sözleri göçüriň. Nusga: erteki, balyk, …

Ertek…, bal…k, gaw…n, bilb…l, gal…m, guml…, ýeň…ş, ek…n, sab…n.

G **Gönükme 149.** Soraglara ýazma görnüşinde jogap beriň. Ýazan sözlemleriňizde **y, i** çekimlili sözlerde **y, i** harplarynyň ýazylmagynyň sebäbini düşündiriň.

1. Sen näçenji synpda okaýarsyň?
2. Sen irden sagat näçede turýarsyň?
3. Seniň synpyňda näçe okuwçy bar?
4. Seniň mugallymyň kim?

★ **G** **Gönükme 150.** Goşgyny okaň. Has gara ýazylan sözlerde **y, i** çekimlileriniň ýazylmagynyň sebäbini aýdyp beriň.

### BUGDAÝLY MEÝDAN

Tomus bugdaýly meýdana,
Gelseň galarsyň haýrana.
Misli äpet mawy deňiz.
Tolkun atyp agyr-ýeňil,

Kombaýnlar tirip barýar,
Däne baryn düýrüp barýar,
Harman-harman mele bugdaý,
Sygmaýar bu ýere bugdaý.

Has köp bolsa bugdaýymyz,
Oňat bor hal-ýagdaýymyz.

★ ★ ★

### BAGTYMYZYŇ KANUNY

Mübärek bolsun dostlar,
Bagtymyzyň kanuny!
Barymyza nur saçýan
Gün hasap edýäs ony!

Her babynda ýazylan
Hukukymyz borjumyz.
Ondan gudrat, güýç alyp,
Ýaşa, ene ýurdumyz:

Zähmet çekiň dynç alyň,
Höwes edip okaň – diýýär.

Saglygyňy dikeltmek,
Hemmä okuw deň – diýýär.

Mübärek bolsun, dostlar,
Bagtymyzyň kanuny!
Barymyza nur saçýan
Gün hasap edýäs ony!

Goşgyny ýatlaň!

★ ★ ★ ?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Özbegistan respublikasynyň raýatlarynyň hak-hukuklary haýsy kitapda ýazylan?
2. Özbegistan respublikasynyň Prezidenti kim?

***Gönükmeler işlemek***

★ G **Gönükme 151.** Suratlaryň adyny depderiňize ýazyň we olaryň birinji harpyny aýdyň.









★ ★ G **Gönükme 152.** Sözleri göçüriň we dymyk **k, p, t, ç** çekimsizleriniň aşagyny çyzyň.

Çörek, kepderi, sogan, oturgyç, pagta, kelem, çörek, dost, agaç, jüje, teňňe.

★ G **Gönükme 153.** Berlen sözleri üç topara bölüp ýazyň. Bu toparlara at goýuň.

Towşan, sülgün, gaplaň, kenguru, towuk, käkilik, geçi, aýy, serçe.

★ G **Gönükme 154.** Manysy boýunça gabat gelýän sözleri ýazyň.

Watan, __________
Gepleşmek, ____________
Owadan, ______________

★ ★ ★ G **Gönükme 155.** Sözlemleri dogry ýazyň we dyngy belgileri goýuň.

a. MENDOSTUMBILENKITAPOKAÝAN
b. GÖRENKINOŇ GYZYKLYMY
d. ÝAŞASYNPARAHATÇYLYK

***Muny bilmek gyzykly***

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň teksti 7543 sany sözden ybarat. Onda «respublika» sözi – 390, Özbegistan – 354, kanun – 210, döwlet – 98, hukuk – 90, konstitusiýa – 70, raýat – 66, Prezident – 62, Garagalpagystan – 33, sahs – 32, azatlyk – 27, halk – 24, demokratiýa – 7 gezek ulanylypdyr.**

**Ýumuş:** Özbegistan sözi näçe bogundan ybarat?

## BIZIŇ SYNPYMYZ



Biz ikinji synpda okaýarys. Biziň synpymyzda ýigrimi sekiz okuwçy bar. Biz synpymyzy arassa saklaýarys. Oturýan partalarymyzy hapalamaýarys. Synpymyzda örän köp güller ösýär. Synpymyzda nobatçylygyň sanawy asylan. Günde iki okuwçy nobat boýunça güllere ideg edýär. Olar gülüň ýapraklarynyň çaňyny arassalaýarlar, suw guýýarlar, guran ýapraklary gyrkýarlar. Biziň synpymyzyň okuwçylary tertipli. Naharhana baranda tertipli bolup, hatara durýarys. Soň mugallym bilen naharhana barýarys. Ol ýerde her bir okuwçynyň oturýan ýeri bar. Okuwçylar öz ýerine baryp oturýar. Biz mugallymymyzyň aýdanlaryny doly ýerine ýetirýäris.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Siz näçenji synpda okaýarsyňyz?
2. Siziň synpyňyzda näçe okuwçy bar?
3. Synpydaky güllere nähili ideg edýärsiňiz?

***Gönükmeler işlemek***

G **Gönükme 156.** Şygry okaň we bogunlara bölünip ýazylan sözleri göçüriň.

**NAZAR JANYŇ PILJAGAZY**

Gapymyzyň agzyndaky
Çägesöwje ýoljagazy
Pe-tir ýaly bezäp çyk-ýar
Nazar janyň pil-ja-ga-zy

Jür-dek bilen suw getirip
Akdyranda siljagazy
Gaçy ýasap, bö-wet basýar
Nazar janyň piljagazy

Ýer de-pen-de pes bolsa-da
Depiminiň hiljagazy
Aýna ýaly gül-bü-räp dur
Nazar janyň piljagazy

*K.Gurbannepesow*

G **Gönükme 157.** Sözleri okaň we bogna bölüp göçüriň.Bu sözleriň her birinde näçe bogun bardygyny aýdyň.

Howa, Bahar, Mawy, Meret, Gözel, Çöl, Asman, Gurbangeldi, serçe, kädi, gurjak, dutar, sary, okaýar, oýnaýar.

## LUKMANYŇ KABULYNDA



Biziň mekdebimiz täze. Ol häzirki zaman talaplaryna laýyklykda gurlan. Synplarymyz uly, ýagty, partalarymyz owadan we oturyp işlemek üçin amatly. Men synpymda 5-nji partada oturýaryn. Emma men oturan partamdan tagtada ýazylan zatlary kynçylyk bilen görýärin. Şonuň üçin ejem meni lukmana alyp bararyn diýdi. Ejem çagalar göz bejerýän klinikasyna jaň kakdy we lukman kabulyna nobata ýazyljakdygyny aýtdy. Simiň ol tarapyndaky şepagat uýasy meniň adymy we familiýamy sorady we lukmana girmegimiz üçin wagt belledi. Ol bize duşenbe güni sagat 14.00-da lukman kabulyna gelmelidigimizi aýtdy. Aýdylan güni sagat 13.50-de biz klinika geldik we garaşyp durmazdan dogry 14.00-da lukmanyň kabulyna girdik. Nobatyň beýlede görnüşi bolýar eken diýip men haýran galdym. Soňra ejemden bu nähili nobat diýip soradym. Ejem bu täze, örän amatly nobat görnüşidir, ýagny öňünden ýazylmakdyr, diyip düşündirdi.

**?! Soraglar we ýumuşlar:**

1. Siz nobata öňünden ýazylmak nähili bolýandygyny gördüňizmi?
2. Nobata öňünden ýazylmagyň nähili amatly taraplary bar?
3. Adaty nobada durmak nähili bolýar?

***Gönükmeler işlemek***

**G** **Gönükme 158.** Şygry okaň we diňe ýogyn bogundan düzülen sözleri aýdyp beriň.

### Galam

Diňe gowy sözleri ýaz,
Dost tutanda galamy.
Goşgy ýaz ýa surat çek,
Galam söýmez ýalany.

**G** **Gönükme 159.** Hekaýajygyň sözlerini bogna bölüp okaň we olaryň her birinde näçe bogun bardygyny aýdyň. Hekaýajygyň mazmunyny öz sözleriňiz bilen gürrüň edip beriň. Diňe inçe bogunly we diňe ýogyn bogunly sözleri aýdyp beriň.

### TRAKTORÇY

Me-niň ka-kam trak-tor-çy bo-lup iş-le-ýär. Ol o-ba-myz-da-ky ýer-le-ri sür-ýär. Ka-ka-myň ýa-nyn-da kö-mek-çi-si hem bar. O-la-r trak-to-ry-ny go-wy e-dip sak-la-ýar-lar we ze-rur bo-lan şaý-la-ry-ny wag-tyn-da ça-lyş-ýar-lar.

**G** **Gönükme 160.** Öý haýwanlarynyň atlaryny bogna bölüp ýazyň. Ýazanyňyzda inçe bogunly sözleri biraýry, ýogyn bogunly sözleri biraýry ýazyň.

## DÜKANDA ÖZÜŇI NÄHILI ALYP BARMALY?



Biz günde haryt satyn almak üçn dukana girýäris. Bu ýerde satyjy we satyn alyjy bir-birini hormat etmeli. Hormat diýen iki taraplaýyn bolýar. Ata-babalarymyz «Hormat etseň, hormat görersiň» diýipdirler.

Dükana girende kim ýol bermeli? Girýän adam. Ol dükandan çykýan adama ýol bermeli, soň özi girmeli. Satyja mylaýym ýüzlenmeli. Onuň satyn alýan adam bilen gepini bölmeli däl.

Eger siz dükana diňe nähili harytlar bardygyny görmäge gelen bolsaňyz we siziň ýanyňyzda harydy satyn almak üçin ýeterli puluňyz bolmasa, zatlary geýip görmek bolmaýar. Siz bu zat hakynda ähli maglumatlary sorap biliň. Satyjyny goşmaça işler bilen ünsüni sowmaň. Eger siz bir zat satyn almakçy bolup, size geregi ýok bolsa satyja sag bolsun aýtmagy unutmaň.

Zat satyn alanda nobat bilen almaly. Nobatyňyzy bozsaňyz adamlar sizden nägile bolarlar. Nobaty anyk edip tutmaly. Nobatda duranda gaty gepleşmeli däl. Sebäbi satyjy hasapda ýaňlyşmagy mümkin.

★ ★ ★ ?! **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Sen özbaşdak dükana haryt almaga bardyňmy?
2. Ol ýerde näme gördüň?
3. «Meniň dukana barşym» diýen sahnany ýerine ýetiriň.

***Gönükmeler işlemek***

★ ★ ★ G **Gönükme 161.** Nokatlaryň ýerine degişli çekimlileri ýazyp, sözleri göçüriň.

Durs…n, ot…rguç, durm…ş, og…l, üz…m, gürr…ň, öm…r, goý…n, oý…n, ýum…ş.

★ ★ ★ G **Gönükme 162.** Şygry okaň we göçüriň. Dodak çekimlileriniň haýsy bogunlarda ýazylandygyna üns beriň.

**Şadyýan güjük**

Böke-böke,
Iki ýana.
Bir güjüjek,
Şadyýana.
Oýun edýär,
«How-how!» edip.
Edýän menem,
«How-how!» durup.
«How-how» sesi
Göge ýeter.

★ ★ ★ G **Gönükme 163.** Manysy boýunça sözi tapyň.

___________ – güýzüň birinji aýy. ______________ – bu mekdepde bilim alýan çaga. ___________ – by bedeni ignejikli haýwan. _____________ – bu alma agajynyň miwesi.

**Gönükme 164.** Suratlary gözden geçiriň. Galdyrylan sözleri ýazyň we haýsy soraga jogap berýändigini aýdyň.



_____ ýatyr. Gämi ______. ______oýnaýar.

**Gönükme 165.**

## BELKALAR



Belkalaryň agramy 1 kilograma çenli bolýar. Olar esasan tokaýlarda we parklarda ýaşaýar. Belkanyň dişleri örän ötkür bolýar. Ol hoz we mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Gyşyna tomusda gizläp goýan iýmitlerini tapyp iýýär. Bu jandar 12 aýda ulalýar. Belkalar ýylda iki gezek köpelýär.

Ene belka bir doganda 10 çenli belkajyk dogýar. Belka çagalaryny süýt bilen bakýar. Belkanyň ömrüniň dowamlylygy 10 ýyl. Onuň derisi gymmat baha hasaplanýar.

?! **Soraglar we ýumuşlar:**

**Test:**

Belkalar näçe ýyl ýaşaýarlar?
a) 30 b) 10 ç)13

Belka näçe aýda ulalýar?
a) 22 b) 12 ç) 15

Belkalar çagalaryny näme bilen iýmitlendirýärler?
a) mör-möjekler b) süýt
ç) hoz

Belkalaryň dişleri örän ..........?
a) ýiti bolýar b) kütek bolýar
ç) dişi bolmaýar

Ene belka bir dogşuna ňäçe belkajyk dogýar?
a) 10 b) 13 ç) 22

Belkalaryň agramy näçe kilogram bolýar?
a) 8 b) 1 ç) 5

Olar nirede ýaşaýarlar?
a) baglarda b) çöllerde
ç) parklarda we tokaýlarda

Belkalaryň niresi gymmat baha hasaplanýar?
a) gulagy b) derisi ç) guýrugy

## ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN

### KIM BILMEŞEK

Tap-tap edýär, jany ýok,
Damary bar, gany ýok,
Özbegistanyň ilinde
Munuň ýalyň sany ýok.

Endam – jany polatdan,
Edermen ol kän atdan.
Yzyndaky dişleri
Ýeri ýumşadýar etden.

*P. Öwezliýew*

Tapmaçany okaň.

### ÝAZDA

Ýapjagazlar boýunda
Suw oýnaýar oglan-gyz,
Öwhä atyp, pajjyldap,
Diýýär: «Gyşdan hezil ýaz!»

Oýmuldaşyp ördek-gaz,
Ganat kakyp daranýar.
Birden başaşak çümüp,
Suwdan iýmit garaýar.

Gögüň ýüzi dup-dury,
Gün hem ýagtysyn salýar,
Görüp gözüň göreji,
Göwnüň ýokary galýar.

Gyşdan çykan agaçlar
Ýapraklaşyp ösüpdir,
Şaha aýryp, kök urup,
Ol horlugy basypdyr.

Ýeriň ýüzi parç bolup,
Ýetişipdir gök otlar,
Goýun, guzy hem sygyr,
Otlaşyp ýör gök otlar.

Owlak-guzy bökjekläp,
Hezil edip oýnaýar,
Ýaz paslynyň howasy
Jana siňip ýaýnaýar.

Gülälekler üstünde
Perwaz urýar kebelek.
Gatany bar eýjejik,
Sagrysy-da tegelek.

*B. Kerbabaýew*

Goşgyny labyzly okaň.

## NAN OWUNTYGY

Gün öýleden agan mahaly Mergen Ýaranyň ýanyna geldi. Ýaran saçagyň başynda güýmenip otyrdy.

Ol saçagyň üstündäki süňkleriň, nan owuntyklarynyň baryny ýere syryp başlady.

– Edýäniň näme?! – diýip, Mergen Ýaranyň eline ýapyşdy.

Ýaran aňk-taňk boldy.

– Hä, näme edipdirin?!

– Heý nan owuntygynam beýleki galyndylara gatyşdyrarlarmy?!

Ýaran hiç zat düşünmedi:

– Galyndydyr-da, hemmesini bile üýşürip, hapa atylýan bedrä gapgaraýmaly bor-da!

– «Nanyň galyndysy bolýan däldir. Onuň her owuntygyda gyzylyň garyndysy ýalydyr» diýip, mugallymymyz näçe gezek aýtdy?

– Onda nan owuntyklaryny näme etmeli?

– Men-ä gapymyzda, guş-gumrularyň geläýjek ýerinde ýaýbaňja tabak goýdum-da, galan-gaçan nan owuntykalryny hemişe şoňa sepeleýän. Onsoň guşlar jürkde-jürk bolşup, tabagyň içini-daşyny edil guş bazaryna öwürýärler. Olara syn etmegem hezil.

– Be-eý, şu diýýäniň-ä dogry. Menem indi şeýtjek!

Şol günden soň Ýaranyň hem dostlarynyň sany bir topar guşlaryň hasabyna artdy.

*Ş. Halmuhammedow*

**Soraglar:**

1. Ýaran nan owuntyklaryny nätjek boldy?
2. Mergen oňa nähili maslahat berdi?
3. Siz nan owuntygyny näme edýärsiňiz?!

## PIŞIK BILEN SYÇAN

Rowaýatlara görä, gadym zamanlarda pişik bilen syçan ýakyn dost ekenler. Olar hiç zatdan aladasyz bir adada ýaşar ekenler. Ol ýerde guşlar örän köp bolup, pişik olary iýer eken, syçan bolsa hoz we başga agaçlaryň miwelerini iýip ýaşar eken. Günleriň birinde syçan:

– Asyl şu adada seňäp ýörmek halys degnama degdi. Näme diýersiň, kenara göçüp ötäýsek näme bolarka? – diýipdir pişik:

– Deňizden nädip ýüzüp geçeris? – diýip, sorapdyr.

– Bu örän aňsat. Agaçdan gaýyk ýasarys – diýip syçan aýdypdyr. Şeýle diýip, syçan bir agajy süýräp getiripdir-de,

dişleri bilen gemirip oýup, pişik ikisi sygjak gaýyjak ýasapdyr. Soňra iki ýoldaş gaýyjaga münüp, ýüzüp gidipdirler. Ýolda gidip barýarkalar garynlary ajygypdyr. Ýöne iýmäge zatlary ýok ekeni. Ikisi garynlaryny mäkäm tutup uklamaga çalyşypdyrlar. Ýöne pişik irkilip başlapdyr.

Syçan bolsa has hüşgärlenipdir. Açlykdan gutulmak üçin syçan gaýygyň aşagyny gemrip başlapdyr. Her gezek pişik gözüni açanda, syçan özüni uklaýan ýaly görkezipdipdir. Syçan gaýygyň düýbi deşilýänçä gemripdir. Deşikden kem-kemden suw girip, gaýyk barha agralyp ugrapdyr. Köp wagt geçmänkä ikisi hem suwda galypdyr. Pişik suwy onçakly ýakdyrmaýan eken, şonuň üçin aşnasyna gaharlanyp:

– Men seni iýerin! – diýip gygyrypdyr.

– Suwdan çykýançak sabyr et, häli iýmäge ýetişersiň – diýip syçan jogap beripdir.

Olar kenara çykanlaryndan soň, pişik:

– Ine, indi seni iýerin – diýipdir.

– Howlukma, sähelçe gurunaýyn. Häzir ähli ýerim öl myjjyk, öl eti iýip hezil tapmarsyň – diýip syçan aýdypdyr.

Şonda syçan pişigiň sadalygyndan peýdalanypdyr-da, kiçijik gowaga girip, gaýyp bolupdyr. Pişik onuň yzyndan girjek bolup biderek urnupdyr.

Men seni tä çykýançaň peýlärin, ýalançy! – diýip ol syçana gygyrypdyr.

– Uzak garaşmaly bolarsyň, men indi bu ýerden asla çykmaryn – diýip, syçan jogap beripdir.

Pişik gowagyň agzynda oturyp, syçan haçan çykarka diýip köp garaşypdyr. Syçan bolsa bu wagt ýeri köwlemäge girişipdir. Ol ýeriň aşagyndan ýer açypdyr-da, gaçyp gidipdir.

Şondan bäri pişik berk uklamaýan bolupdyr. Gijelerine syçan niräni kytyrdadýarka diýip gulak salyp, sagatlap onuň çykmagyny peýläp oturar eken. Syçan bolsa pişigiň özüni peýläp oturanyny duýdugy, gowakdan hiç çykmaýan eken.

## TOTYGUŞ

*Halk ertekisi*

Bir bar eken, bir ýok eken, bir patyşa bar eken. Ol patyşanyň bir akylly guşy bar eken. Ol guş, boljak işi bilip, patyşa aýdar eken. Ol guşyň ady Totyguş eken. Bir gün Totyguş gezmäge gitjek bolupdyr. Patyşadan rugsat diläpdir. Patyşa oňa rugsat beripdir.

Patyşanyň bir weziri bar eken. Ol wezir Totygusyň gitmegine garşylyk edipdir.

– Totyguş seni aldap, senden gutuljak bolýandyr. Eliňden çykarsaň, gaýdyp gelmez – diýipdir.

Onda patyşa:

– Eger Totyguş gaýdyp gelmese, patyşalygymy saňa bereýin. Gaýdyp geläýse, sen bar zadyňy maňa ber! – diýipdir. Patyşa bilen wezir maslahaty şuňa goýupdyr. Totyguş gidipdir. Bir-iki günden gaýdyp gelipdir. Totyguş gelende, bir agajyň dänesini getiripdir. Totyguş patyşa:

– Şu agajy ekdirseň, tiz ýetişip, miwe berer. Onuň miwesinden iýen adam 70 ýaşly garry bolsa-da, 18 ýaşar1 bolýar - diýipdir.

Patyşa Totyguş gelenden soň, weziriň bütin zadyny talaň edip, özini hem wezirlikden aýyryp kowupdyr.

Patyşa ol agajy öziniň bagynda ekdirip, aýratyn iki sany adamyny hem şol agajy iýdetmekden ötri goýupdyr. Miwesiniň ýarpysyny şolara bermeli bolupdyr. Agaç ýetişip kemala gelenden soň, bir ýyl iki miwe getiripdir. Miwesi bişenden soň, patyşanyň adamlary onuň birini özlerine alyp, birini hem patyşanyň ýanyna äkidipdirler. Ýolda öňlerinden şol wezir duş gelip:

– Niräk? – diýip sorapdyr. Onda olar:

– Patyşanyň ekdiren agajy iki sany miwe getirdi, şonyň birini patyşa eltip berjek – diýipdirler. Onda wezir:

– Men bir göreýin – diýip, şol miwäni eline alyp, öýlerine

äkidipdir. Wezir ony zäherläp, getirip beripdir. Bagbanlar eltip patyşa beripdirler. Patyşa ony iýjek bolup otyrka, şol wezir barypdyr-da, patyşa:

– Ýeri patyşa, guşyň getiren sowgat agaçlarynyň miwesi nähili? – diýipdir.

Ondan soň, patyşa hem:

– Ynha iýjek bolup oturyn – diýipdir.

Ondan soň wezir:

– Tagsyr patyşahym, muny ilki barlap görmek gerek. Çünki heniz iýip gören adam ýok. Belki bu adama zyýanlydyr – diýipdir.

Ondan soň ol miwäni ite beripdirler. Ol it miwäni iýen dessine ölüpdir. Wezir Totyguşa garşy bolup, ony öldürtmek isläpdir. Onuň üçin wezir patyşa:

– Ynha görýärmiň? Bu guş duşman ekeni – diýipdir. Patyşa bolsa, derrew ol guşy öldüripdir. Ondan soň ol agaçlary ekip, saklap ýören bagbanlary hem öldürtmäge buýruk beripdir. Patyşanyň adamlary gözläp gelseler iki sany 18 ýaşynda oglan we gyz agajyň aşagynda otyrlarmyş. Patyşanyň iberen jellatlary baryp:

– Hany bagbanlar? – diýip sorapdyrlar. Onda ýaňky oglan bilen gyz:

– Bagbanlar diýýäniňiz, biz bolaýmaly? – diýipdirler. Patyşanyň adamlary: – Patyşanyň aýdany ýetmiş ýaşynda garry bolmaly. Bular bolsa, ýaşy onda . Olar gizlenendirler – diýip, gaýdyp gidipdirler. Ondan soň, ýene-de patyşanyň ýanyna barypdyrlar. Patyşaň ýanyna baryp:

– Ol agaçlaryň aşagynda 18 ýaşly bir oglan we bir gyz otyr – diýipdirler.

Ondan soň patyşa:

– Baryň, alyp geliň – diýipdir. Jellatlar ýaňky oglan we gyzy patyşanyň ýanyna alyp gelipdirler.

Ondan soň patyşa olardan sorapdyr:

– Men sizi bagban goýmadym. Meniň goýan adamlarym ýetmiş ýaşly garrylardy. Sizi kim goýdy? – diýipdir.

Onda olar şeýle diýipdir:

– Bizi öldürtmek üçin jellat buýranyňyzy biz mundan üç-dört gün öň eşitdik. Size eltip beren miwämiziň birini alyp galypdyk. Köpçiligiň içinde darda asylyp ölenden, şu ýerde öleli diýip, şol miwäni iýdik. Biz bolsa ölmän, gaýtam 18 ýaşar boldyk. Biziň bir kaşyk5 ganymyzy bagyşlaň, biz şol ýetmiş ýaşly garry bagbanlar – diýipdirler.

Onda patyşa oturyp, pikir edip:

– Siz maňa şu miwäni getirip beren wagtyňyzda, ýolda nirä bardyňyz? – diýipdir.

Ondan soň, ol bagban:

– Biz hiç ýere barmadyk. Ýöne ýolda wezir öňimizden çykyp, ysgap göreýin diýip, öýine alyp gitdi-de, köp wagta çenli gelmän saklady. Emma ýene-de getirip berdi welin, miwe şol bolsa-da, başgada bolsa tanap bilmedim – diýipdir.

Ondan soň patyşa bolsa: – Hä duryber, indi boldy – diýip, ýaňky weziri öldürip, guşynyň ölenine gaty gynanypdyr.

## BALYKÇY WE WEZIR

Patyşa täze tutulan balygy iýmäni gowy görýärdi. Günleriň birinde deňizde güýçli ýel turýar. Balykçy deňize balyk tutmaga gidip bilmeýär. Şeýllikde, patyşa üçin täze balyk tapylmaýar. Şol gün patyşa deňizden balyk tutup getiren adama baýrak berjegi barada jar çekdirýär.

Bir garyp balykçy möwç urýan deňizden balyk getirmek üçin synanyşýar. Ol balyk tutup, köşge barýar. 22 Köşk garawullary ony derwezäniň agzynda saklaýarlar. Olar ony patyşanyň weziriniň ýanyna eltýärler.

Wezir balykça şeýle diýýär:

- Men seni patyşanyň ýanyna göýbereýin. Ýöne sen maňa ondan alan baýragyň ýarysyny bermeli bolarsyň.

Bu teklip balykçynyň göwnünden turmasa-da, ol muny kabul edýär.

Garawullar balykçyny patyşanyň ýanyna eltýärler. Balykçy patyşa täze tutan balygyny berýär. Patyşa balykçydan göwni turup, oňa şeýle ýüzlenýär:

- Nähili baýrak isleýäňiz, aýdyň!

Balykçy: - Siziň aly hezretleriňiz, meniň arkama elli gamçy saýmagyňyzy isleýärin. Ýalňyşmasam, bu meniň almak isleýän ýeke-täk baýragym.

Balykçynyň üýtgeşik talaby hemmeleri geň galdyrýar. Emma, patyşa hyzmatkärlerine balykçynyň arkasyna elli gamçyny ýeňiljek edip urmagy buýurýar.

Hyzmatkärler ýigrimi bäş gamçyny uranlaryndan soň, balykçy şeýle diýýär:

- Bes ediň. Haýyş edýän, galan ýigrimi bäşisini ýoldaşyma uruň. Patyşa balykçydan:

- Kim seniň ýoldaşyň? diýip soranda, balykçy oňa:

- Siziň aly hezretleriňiz, siziň weziriňiz meniň ýoldaşym, diýip jogap berýär.

Balykçynyň jogaby patyşany gazaba mündirýär. Ol weziri öz öňüne getirmekleri üçin adamlaryny ugradýar.

Wezir getirilende, patyşa onuň arkasyna ýigrimi bäş gamçyny gaty edip urmagy buýurýar. Mundan soňra, patyşa ynsapsyz weziri zyndana iberýär. Ol balykça bolsa köp sowgatlar berýär.

## SIZ MUNY BILÝÄRSIŇIZ

Söz seslerden emele gelýär we özbaşdak aýdylýar.
*Meselem:* mugallym, oglan, gül.

Predmetleri we haýwanlary aňladýan sözler näme? diýen soraga jogap bolýarlar.

Adam atlarynyň, familiýalarynyň birinji harpy baş harp bilen ýazylýar.

Şäher, oba atlarynyň birinji harpy baş harp bilen ýazylýar.

Dag, derýa atlarynyň birinji harpy baş harp bilen ýazylýar.

Haýwanlara dakylýan atlaryň birinji harpy baş harp bilen ýazylýar.

Predmetiň hilini aňladýan sözler nähili?, neneňsi? diýen soraglara jogap bolýarlar.

Gymyldy hereketi aňladýan sözler näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder? diýen soraglara jogap bolýarlar.

## MAZMUNY


1. Gyzykly ferma .................................................................... 3
2. Türkmen itleri .................................................................... 5
3. Syçanlar mekir bolýarlar ...................................................... 7
4. Güjük we owlak .................................................................. 11
5. Bilbil ................................................................................. 12
6. Wagtyň gymmaty ................................................................. 14
7. Myratjan Şerip ogly ............................................................ 16
8. «Sagat we wagt» ................................................................ 18
9. Daşkent kuranty .................................................................. 21
10. Hünär – seniň hormatyň ..................................................... 24
11. Robot bu näme? ................................................................ 26
12. Halkyň ylmy açyşlary ......................................................... 29
13. Kitap ................................................................................ 32
14. Samarkandly kagyz öndürijiler ............................................ 34
15. Miweli doňdurma .............................................................. 36
16. Ilkinji haýwanat bagy ......................................................... 39
17. Gün – kuwwat çeşmesi ....................................................... 41
18. Kitap – güneş, diýerin ........................................................ 43
19. Günes we ýyldyzjyk hakynda erteki ..................................... 46
20. Bulutjagaz we Güneş.......................................................... 48
21. Geldi bahar göwünler açylar ............................................... 51
22. Şahsy kitaphana ................................................................ 54
23. Kitaphana ......................................................................... 56
24. Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Kitaphanasy ........................................................ 58
25. Tygşytly boluň ................................................................... 60

26. Aýdylan söz – atylan ok ..................................................62
27. Tygşytly guşjagaz ..............................................................64
28. Samarkand – medeniýetler çatrygy ..................................67
29. Samarkand palawy ............................................................69
30. Ýazuwyň emele gelmegi ....................................................71
31. «Jadyly ruçka» erteki ..........................................................74
32. Nowruz – bahar baýramy ..................................................76
33. Tut agajy ..............................................................................77
34. Älemgoşar ............................................................................79
35. Türkmen halysy ..................................................................81
36. Oýnak topum ........................................................................83
37. Hüwdüler ..............................................................................85
38. Kompozitor käri ..................................................................88
39. Ýagşy söz ..............................................................................90
40. Ýol kadasy – ömür peýdasy ..............................................92
41. Gyzyl yşyk ............................................................................95
42. Bagtymyzyň kanuny ..........................................................97
43. Biziň synpymyz ................................................................100
44. Lukmanyň kabulynda ......................................................102
45. Dükanda özüňi nähili alyp barmaly? ..............................104
46. Belkalar.............................................................................. 106

**Özbaşdak okamak üçin**

Kim bilmeşek ........................................................................ 108
Ýazda ......................................................................................108
Nan owuntygy........................................................................109
Pişik bilen syçan .................................................................... 110
Totyguş .................................................................................. 112
Balykçy we wezir .................................................................. 114

*O‘quv nashri*

**Kamiljan HALLYÝEW, Jumanazar METÝAKUBOW**

# ONA TILI VA O‘QISH SAVODXONLIGI

*(Turkman tilida)*

*Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining*
*2-sinfi uchun darslik*

*2-qism*

Redaktor-korrektor: *Aýnura Alymjanowa*
Suratçylar: *Azizbek Jabbarow, Najotbek Jorabaýew*
Tehniki redaktor *Akmal Suleýmanow*
Çeper redaktor *Sarwar Farmonow*
Dizaýner *Dilmurad Mulla-Ahunow*
Sahaplaýjy *Zilola Aliýewa*

Çap etmäge 2021-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda rugsat edildi.
Möçberi 60×84 $^{1}/_{8}$.Arial garniturasy. Kegli 16 şponly.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi —. Neşirýat-hasap listi ——.
0000 nusgada çap edildi. Buýurma № ___.

## Kärende berlen okuw kitabynyň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| № | Okuwçynyň ady, familýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaş-çysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | | |
| 2. | | | | | | |
| 3. | | | | | | |
| 4. | | | | | | |
| 5. | | | | | | |
| 6. | | | | | | |

## Okuw kitaby kärende berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalanmak tertibine esaslanyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| Täze | Okuw kitabynyň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy ýagdaýy. |
| Gowy | Sahaby gowy, okuw kitabynyň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| Kanagat-lanarly | Kitabyň daşy ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, okuw kitabynyň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan, kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparlan sahypalary ýelimlenen käbir sahypalary çyzylan. |
| Kanagat-lanarsyz | Kitabyň daşy çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Okuw kitabtyny gaýtadan dikeldip bolmaýar. |